# TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:

## – MILLI MANADYMYZYŇ DOLANYŞYGA GIRIZILMEGI ÝURDUMYZYŇ YKDYSADYÝETINIŇ SAZLAŞYKLY ÖSMEGI, KADALY PUL DOLANYŞYGYNYŇ WE ÝEKE-TÄK DÖWLET PUL-KARZ SYÝASATYNYŇ NETIJELI ALNYP BARYLMAGY ÜÇIN ZERUR BOLAN AMATLY ŞERTLERI DÖRETDI.


# ZAMAN

INTERNATIONAL MEDIA
TÜRKMENISTAN

31-nji oktýabr, 2025. Belgisi 44/1662




# BITARAPLYK – DÜNÝÄ PARAHATÇYLYGYNYŇ BEÝIK NYŞANY

Häzirki wagtda hemişelik Bitaraplygymyzyň 30 ýyllygyny dabaraly bellemäge taýýarlyk görlüp, ýurdumyzda we daşary ýurtlarda bu şanly sene mynasybetli dürli çäreler geçirilýär.

Hormatly Prezidentimiz «Şu ýyl Türkmenistanyň başlangyjy boýunça Baş Assambleýa tarapyndan «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýlip yglan edildi. Bu şanly waka BMG-niň döredilmeginiň ýubileýine gabat gelýär. Şu ýylyň dekabrynda Türkmenistanda Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylyna bagyşlanyp, ýokary derejeli iri halkara forum geçiriler. Bu foruma BMG-niň strategik maksatlaryny gazanmaga anyk goşant hökmünde garaýarys we oňa giň halkara wekilçiligiň gatnaşjakdygyna umyt edýäris» diýip belledi.

Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýyllygy hem-de 2025-nji ýylyň BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýlip yglan edilmegi mynasybetli çäreleri ýokary derejede geçirmek boýunça hormatly Prezidentimiziň Permanyna laýyklykda Guramaçylyk döwlet topary döredildi.

Türkmenistanyň Garaşsyzlygyny, hemişelik Bitaraplygyny hem-de halkara parahatçylygy we ynanyşmagy pugtalandyrmaga, ýurduň syýasy, ykdysady, medeni ugurlarynda gazanan üstünliklerine mynasyp goşant goşan adamlary sylaglamak maksady bilen, «Türkmenistanyň Bitaraplygynyň 30 ýyllygyna» atly Türkmenistanyň ýubileý medaly döredildi.

Ýurdumyzyň daşary döwletlerdäki diplomatik wekilhanalary hem ählumumy abadançylygyň, durnukly ösüşiň bähbidine parahatçylyk, ynanyşmak, netijeli hyzmatdaşlyk ýörelgelerini dünýä derejesinde ilerletmäge goşant goşýarlar. Olar Türkmenistanyň Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň dowamyndaky işleriniň we ileri tutýan ugurlarynyň Konsepsiýasynyň mazmunyny tanyşdyrmak bilen bagly dürli çäreleri guraýarlar.

Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylyna, Halkara Bitaraplyk gününe we Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýyllygyna bagyşlanyp Aşgabatda geçiriljek ýokary derejeli Halkara foruma taýýarlyk görmegiň çäklerinde Türkmenistanyň Koreýa Respublikasyndaky ilçihanasynda «Türkmenistan bilen tanyşlyk: onuň daşary syýasaty, medeni mirasy we syýahatçylyk mümkinçilikleri» atly çäre, Duşenbe şäherinde Ýaşlar dialogy, Astrahanda «Parahatçylygyň, howpsuzlygyň we durnukly ösüşiň bähbidine Bitaraplygyň dostlary toparynyň duşuşygy» atly BMG-niň Modeli, Moskwa şäherinde diplomatik agşam, BMG-niň Ženewadaky ştab-kwartirasynda Türkmenistanyň BMG-niň Ženewadaky edarasynyň ýanyndaky Hemişelik wekilhanasynyň «Geneva Center for Neutrality» (GCN) hem-de «Greater Caspian Association» (GCA) bilen bilelikde guramagynda ýurdumyzyň Bitaraplygyna bagyşlanan halkara forum, Gazagystan Respublikasynyň Astana şäherinde «Polýarlykdan hyzmatdaşlyga: halkara ulgamyna bolan ynamy dikeltmek» şygary bilen «Astana Think Tank Forum 2025» atly halkara forum, Pekiniň «Marriott» myhmanhanasynda ylmy-amaly maslahat geçirildi.

*Türkmenistan Garaşsyzlygyny gazanan ilkinji günlerinden Bitaraplyk ýoluny saýlap aldy we ýurdumyzyň daşary syýasat strategiýasy hemişelik Bitaraplyk derejesine esaslanýar. Türkmenistanyň Bitaraplygy parahatçylyk söýüjilik, beýleki döwletleriň içerki işine gatyşmazlyk, olaryň özygtyýarlylygyna, çäk bitewüligine hormat goýmak, açyklyk ýaly asylly ýörelgelerden ugur alýar. 30 ýyldan gowrak wagt bäri Türkmenistan Birleşen Milletler Guramasynyň doly hukukly we işjeň agzasy hökmünde onuň Tertipnamasynyň ýörelgeleriniň durmuşa geçirilmegine möhüm goşant goşmagyny dowam etdirip gelýär. Parahatçylykly ýaşamagyň, öňüni alyş diplomatiýasynyň, deňhukukly dialogyň ähmiýetini öňe sürýän Türkmenistan halkara giňişlikde hemişe netijeli hyzmatdaşlygyň tarapdary bolup çykyş edýär.*

Mälim bolşy ýaly, BMG-niň Baş Assambleýasynyň degişli kararnamalary arkaly hemişelik Bitaraplyk hukuk derejesi üç gezek ykrar edilen ýurdumyzda şanly senäniň 30 ýyllygy mynasybetli dekabr aýynda dürli dabaralar we Halkara forum guralar. Bu foruma BMG-ä agza ýurtlaryň döwlet we hökümet Baştutanlarynyň, wekilçilikli toparlarynyň gatnaşmagyna garaşylýar.

Ýakynda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow paýtagtymyzyň gözel künjeginde ýerleşýän Bitaraplyk binasynyň ýanynda Hökümet agzalarynyň gatnaşmagynda Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýyllygy hem-de 2025-nji ýylyň BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýlip yglan edilmegi mynasybetli çäreleri ýokary derejede geçirmek boýunça hormatly Prezidentimiziň Permanyna laýyklykda döredilen Guramaçylyk döwlet toparynyň hojalyk iş maslahatyny geçirdi. Şeýle hem Gahryman Arkadagymyz Aşgabatda gurulýan we döwrebaplaşdyrylýan desgalaryň hem-de binalaryň şekil taslamalary bilen hem tanyşdy.

BMG-niň Baş Assambleýasynyň ýörite kararnamalary bilen hemişelik Bitaraplyk derejesi üç gezek ykrar edilen ýurdumyzyň ähli düzümlerinde şanly senäni guramaçylykly geçirmek boýunça taýýarlyk işlerine giň gerim berilýär. Şunuň bilen baglylykda, meýilleşdirilen ähli çäreleriň ýokary guramaçylyk derejesini üpjün etmek boýunça bilelikdäki tagallalar ýaýbaňlandyrylýar. Bitaraplyk baýramy mynasybetli geçiriljek duşuşyklar, halkara derejedäki maslahatlar we medeni-köpçülikleýin çäreler häzirki döwrüň ruhuna kybap derejede guralar.

12-nji dekabrda agzybir halkymyz ýurdumyzyň saýlap alan parahatçylyk döredijilik we özgerdijilik ugruna gyşarnyksyz ygrarlylygynyň nyşanyna öwrülen Bitaraplyk gününi ägirt uly galkynyş bilen bellär. Milli Liderimiziň belleýşi ýaly, hoşniýetli goňşuçylyk, özara hormat goýmak, deňhukuklylyk hem-de özara bähbitli hyzmatdaşlyk ýörelgelerine esaslanan oňyn bitaraplyk syýasatyny aýgytly we yzygiderli durmuşa geçirýän Türkmenistan Ýer ýüzüniň ähli döwletleri bilen dostluk we hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny ösdürýär hem-de ählumumy parahatçylygy, howpsuzlygy we durnuklylygy pugtalandyrmak işinde mynasyp goşandyny goşýar.

Türkmenistanyň Bitaraplyk derejesi halkymyzyň parahatçylyk, ynsanperwerlik we dostluk ýörelgeleriniň beýanydyr. Bitaraplyk Garaşsyz Türkmenistanyň halkara derejesindäki abraýyny ýokarlandyrdy, dünýäniň ynamdar, hoşniýetli we ynsanperwer döwletleriniň hatarynda tanatdy. Bitaraplyk – ýurdumyzyň ösüşiniň, jemgyýetimiziň durnuklylygynyň we halkymyzyň bagtyýar durmuşynyň kepilidir.

# MILLI MANADYMYZ – DURNUKLY ÖSÜŞIŇ KEPILI

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Gahryman Arkadagymyzyň asylly başlangyçlaryny durmuşa geçirýän Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň parasatly we öňdengörüjilikli baştutanlygynda döwletimiziň içeri we daşary syýasaty ösüşiň täze netijelerine eýe bolýar. Häzirki wagtda Berkarar döwletimiz oňyn Bitaraplyk hem-de parahatçylyk söýüjilik ýörelgelerine esaslanýan daşary syýasy ugruny durmuşa geçirmek bilen, abraýly sebit we halkara guramalaryň çäklerinde dostluk, hoşniýetli goňşuçylyk, özara bähbitlilik ýörelgelerine esaslanýan hyzmatdaşlygy yzygiderli ösdürýär. ■ 3



# HALKARA HYZMATDAŞLYGYNDA FORUMLARYŇ ÄHMIÝETI

CIET 2025
INTERNATIONAL CONFERENCE & EXPO

Türkmenistanda «Türkmenistanyň gurluşyk, senagat, energetika pudaklarynyň ösüşi» atly halkara maslahat we sergi (CIET-2025) geçiriler. Oňa Ýaponiýa, Türkiýe, Koreýa Respublikasy, Birleşen Arap Emirlikleri ýaly ýurtlardan 300-den gowrak wekiliň hasaba alnandygy habar berilýär.

Türkmenistanyň ykdysady ösüşiniň möhüm ugurlary bolan gurluşyk, senagat, himiýa we energetika pudaklarynyň durnukly ösüşini üpjün etmek, bu ugurlarda öňdebaryjy dünýä tejribelerini ornaşdyrmak hem-de daşary ýurtly hyzmatdaşlar bilen gatnaşyklary giňeltmek maksady bilen 2025-nji ýylyň 3 – 4-nji noýabrynda «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda «Türkmenistanyň gurluşyk, senagat, energetika pudaklarynyň ösüşi» atly halkara maslahat we sergi geçiriler. ■ 3

# «ÝAŞYL» YKDYSADYÝET – ÝURDUMYZYŇ MÖHÜM UGRY



Bütin dünýäde ilatyň sanynyň artmagy, ykdysadyýetiň ýokary derejede ösmegi tebigy baýlyklaryň gorlarynyň sarp edilişiniň artmagyna getirdi. Ykdysadyýetiň ösmegi, sarp edilişiň ýokarlanmagy bolsa, tebigy baýlyklaryň rejeli peýdalanylmagy we daşky gurşawa ýetirilýän täsiriň artmagy, howanyň maýlamagy, buzluklaryň eremegi, ozon gatlagynyň goralmagy ýaly ýagdaýlara getirýär. Şeýlelikde, ýaşaýyş üçin zerur bolan energiýanyň gaýtadan dikeldilýän görnüşlerini öndürmek netijeli çözgüt bolup oýlanyp tapyldy. ■ 3

# Rim şäherinde Türkmenistanyň arheologik taryhy tanyşdyrylýar

25-nji oktýabrda Italiýanyň paýtagty Rim şäherindäki «Musei Capitoliniň» (Kapitoliý muzeýi) çäginde ýerleşýän «Palazzo dei Conservatori» zalynda «Türkmenistanyň gadymy siwilizasiýalary» atly arheologik sergi açyldy. Bu çäre Türkmenistan bilen Italiýanyň arheologiýa, medeni miras we ylmy hyzmatdaşlygyny ösdürmekde möhüm ädimdir. Sergi 2026-njy ýylyň aprel aýyna çenli dowam eder.

Serginiň maksady Türkmenistanyň taryhy we medeni mirasynyň halkara derejede tanalmagyna goşant goşmakdyr. Iki ýurduň arasynda arheologiýa we medeni miras goragy babatda hyzmatdaşlygy berkitmek, şeýle hem medeni diplomatiýany ösdürmek serginiň esasy ugurlarydyr.

Sergi ýokary hilli arheologik eksponatlar bilen, aýratynlykda iki esasy medeniýeti görkezýär: Margiana medeniýeti we Parfiýa imperiýasy. Margiana medeniýeti boýunça Goňurdepe ýaly şäher toplumy, gymmatbahaly




bezegler, palçykdan ýasalan heýkeller görkezilýär. Parfiýa döwrüne degişli Nusaý şäherindäki tapyndylar hem sergide orun alýar.

**Serginiň arheologik we ylmy ähmiýeti:** bu sergi Margiana we Parfiýa medeniýetleriniň dünýä siwilizasiýasyndaky ornuny görkezýär. ■ 2

# Ýurdumyzyň sebitlerinde suw üpjünçiligi gowulandyrylýar

Lebap welaýatynyň Çärjew etrabynyň Talhanbazar geňeşliginde suwuň basyşyny ýokarlandyryjy bekediň hem-de agyz suw geçirijisiniň ulanmaga berilmegi mynasybetli dabara guraldy. Täze desga Türkmenabat şäheriniň Azatlyk şäherçesiniň ýaşaýjylaryny arassa agyz suwy bilen üpjün etmäge niýetlenendir. Desganyň gurluşyk işlerini «Ark» hususy kärhanasynyň hünärmenleri ýerine ýetirdiler.

Kuwwaty bir gije-gündizde 4,5 müň kub metr suwa barabar bolan desganyň tutýan meýdany 1,14 gektara ýetýär. Bekediň düzüminde suw göteriji 4 sany elektrik hereketlendirijisi gurnaldy. Her biri 1000 kub metrlik iki we 2500 kub metrlik sygymly bir howuz ýokary hil derejesinde guruldy. Suw geçiriji turbalaryň uzynlygy «Lebapwelaýatagyzsuw» birleşiginden täze bekede çenli 15,1, beketden şäherçäniň Bagtyýar nesil köçesine çenli bolsa 4,3 kilometre barabar boldy.



Desgada gurnalan iki sany kuwwatly elektrik bekedi onuň durnukly işini üpjün edýär, şeýle-de ätiýaçlyk hökmünde dizel ýangyjynda işleýän awtomatlaşdyrylan beket gurnaldy. Bu bolsa suw üpjünçiliginiň üznüksiz bolmagyny kepillendirýär.

Dabaranyň dowamynda täze desganyň gurulmagyna mynasyp goşant goşan gurluşykçylara hormatly Prezidentimiziň adyndan gymmat bahaly sowgatlar gowşuryldy.


**Täze taslamany mälim etdi**

Saud Arabystany Patyşalygynyň Mirasdüşer Şazadasy, Premýer-ministri Mohammed bin Salman bin Abdelaziz Al Saud Mekgede «Patyşa Salmanyň derwezesi» (King Salman Gate) atly giň gerimli täze şähergurluşyk taslamasynyň başlanandygyny habar berdi. ■ 4

**Dünýädäki iň uly köşkler toplumy**

Pekiniň merkezinde 74 gektar meýdany eýeleýän dünýädäki iň uly köşkler toplumy ýerleşýär. ■ 5





**«Arkadag» topary bassyr 3-nji gezek wagtyndan öň çempionlygyny yglan etdi**

Futbol boýunça Türkmenistanyň milli çempionatynda çempion wagtyndan öň belli boldy. ■ 7





**Daşyndan içi görünýän stadion**

Wengriýanyň 3-nji uly şäheri Segedde ýerleşýän «Szent Gellert Forum» stadiony ýuklymyň iň owadan stadionlarynyň biri hasaplanýar. ■ 8




## Demirgazyk yşyklary has ýagty bolar

Her ýylyň gyş aýlarynda demirgazyk polýusa ýakyn ýerlerde peýda bolýan demirgazyk yşyklarynyň bu ýyl ozalkylardan has aýdyň görünjekdigi mälim edildi. Tebigatyň gaýtalanmajak gözelligi hasaplanýan bu hadysa tomaşa etmek isleýänler Skandinaw ýurtlaryna gitmek üçin myhmanhanalarda ýer belledip başladylar.



ABŞ-nyň Aerokosmos edarasy geljek ýylyň mart aýyna çenli Günüň işjeňliginiň soňky 11 ýylyň iň ýokary derejesine ýetjekdigini, şeýlelikde demirgazyk yşyklarynyň öňümizdäki gyşda has aýdyň görünjekdigini mälim etdi. NASA-nyň kosmos howa maglumaty maksatnamasynyň ýolbaşçysy Jeými Fewors bu ýagdaýyň bize iň ýakyn ýyldyz bolan Güni has gowy öwrenmäge hem mümkinçilik berjekdigini aýdýar. «eSkyGroup» onlaýn syýahatçylyk agentligi şu ýyl demirgazyk yşyklarynyň iň gowy syýahatçylyk ugurlarynyň ýokarky basgançaklarynda orun alandygyny belleýär.

**Baýramtäç EREDOWA,**
*Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersitetiniň talyby.*

## Elektrik energiýasy bilen işleýän ilkinji gämi

Hytaýda dolulygyna elektrik energiýasy bilen işleýän ilkinji ýük gämisi ulanmaga berildi. Hubeý welaýatynyň Içan şäheriniň portunda suwa goýberilen gäminiň ýük göterijiligi 13 müň tonna. «Gezhouba» atly



gämi ürgün ýükleri daşamaga niýetlenipdir. Suw ulagy 12 sany litiý batareýa bilen enjamlaşdyrylypdyr. Gäminiň batareýalaryny ozal zarýad berlen batareýalar bilen gysga wagtda çalşyp bolýar. Uzynlygy 130 metre barabar bolan gämi bir gezekki zarýady bilen 500 kilometr ýol geçip bilýär. Işläp taýýarlaýjylar bu tehnologiýanyň ýangyja bolan çykdajyny azaltjakdygyny belleýärler.

**Leýli KAKAJYKOWA,**
*Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersitetiniň talyby.*

## Arassa energiýa iş orunlaryny artdyrýar

Dünýäde energiýanyň has arassa görnüşlerinden peýdalanmak üçin iri taslamalar durmuşa geçirilýär. Şeýle bolansoň, bu ugur täze kärleriň we iş orunlarynyň peýda bolmagyna getirýär. Birleşen Patyşalygyň hökümeti energiýa pudagyndaky geçişligi çaltlandyrmak we bu ugurda gerek



bolan işçi güýjüni taýýarlamak üçin maksatnama taýýarlady. Ýurtda 2030-njy ýyla çenli arassa energiýa pudagynda ýüz müňlerçe ýokary hünärli işgärleri taýýarlamak maksat edinilýär. Energiýa howpsuzlygy ministrligi tarapyndan taýýarlanan maksatnama bilen gaýtadan dikeldilýän energiýa infrastruktura we «ýaşyl» tehnologiýalar ýaly ugurlarda artýan işçi güýjüne jogap berilmegi göz öňünde tutulýar. Munuň üçin jemi 31 kär saýlanylypdyr.

**Döwlet MÖWLAMOW,**
*Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň mugallymy.*

## Äpet balyk tutuldy

Polşada iki balykçy äpet lakga balygyny tutdular. Balygyň uzynlygynyň 3 metre (292 santimetr) golaýdygy bellenildi. Bu suw jandary Polşanyň Balykçylyk akademiýasynyň Günorta Silesiýadaky Rybnik howdanynda geçirilen balyk tutmak ýaryşynda çeňňege ildi. Polşanyň



Balykçylyk akademiýasynyň jemgyýetçilik torundaky akkaundynda rekord derejedäki uly balygy Kşiştof Pyranyň hem-de Adrian Gontaržyň tutandygy bellenilýär. Balygyň uzynlygy ölçenenden soňra suwa goýberilendigi habar berilýär. Mundan ozal 2023-nji ýylda Alessandro Býankardi Italiýanyň Po derýasynda uzynlygy 2,85 metre barabar bolan balyk tutupdy.

**Mähriban MEREDALIÝEWA,**
*Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Aşgabat şäheriniň Bagtyýarlyk etrap Geňeşiniň guramaçylyk bölüminiň esasy hünärmeni.*

# TÜRKMENISTAN–ABŞ: gatnaşyklaryň möhüm ugurlary

Türkmenistan bilen Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň arasyndaky gatnaşyklar Garaşsyzlyk döwründen bäri tapgyrlaýyn ösdürilip gelinýär. 1992-nji ýylda iki döwletiň arasynda diplomatik gatnaşyklar ýola goýuldy we şol döwürden başlap, syýasy, ykdysady, medeni hem-de bilim ulgamlarynda hyzmatdaşlygyň dürli ugurlary kem-kemden giňeldi. Bu hyzmatdaşlygyň esasyny Türkmenistanyň Bitaraplyk syýasaty we ABŞ-nyň Merkezi Aziýa boýunça oňyn diplomatik gatnaşygy düzýär.

### TÜRKMENISTAN BILEN ABŞ-nyň ARASYNDAKY HYZMATDAŞLYK

Türkmenistan bilen ABŞ-nyň arasynda giň gerimli hyzmatdaşlyk gatnaşyklary bar. ABŞ Türkmenistandaky ykdysady özgertmeleri, energetika ulgamyndaky durnukly ösüşi, ekologik meseleleriň çözgüdini hem-de bilim ulgamyndaky halkara hyzmatdaşlygy goldaýar. Energetika ulgamynda ABŞ Türkmenistanyň tebigy gaz gorlaryny dünýä bazarlaryna çykarmakda hyzmatdaş bolmagy maksat edinýär. Şeýle-de iki tarap ulag we logistika geçelgelerini ösdürmek, daşky gurşawy goramak, metan zyňyndylaryny azaltmak ýaly ugurlarda hem iş alyp barýar. Ylym we bilim ugurlary hem gatnaşyklaryň möhüm bölegi bolup durýar.

### SYÝASY GATNAŞYKLAR

Syýasy derejede Türkmenistan bilen ABŞ-nyň arasynda yzygiderli gepleşikler, maslahatlaşmalar we ýokary derejeli duşuşyklar geçirilýär. ABŞ Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplyk syýasatyny goldaýandygyny yzygiderli beýan edip gelýär.



Türkmenistanyň Bitaraplyk derejesi sebitiň parahatçylygyny we durnuklylygyny üpjün etmekde möhüm orny eýeleýär.

### ABŞ–MERKEZI AZIÝA (C5+1) HYZMATDAŞLYK MEHANIZMI

C5+1 atly hyzmatdaşlyk görnüşi 2015-nji ýylda döredildi. Bu formatyň agzalary – Gazagystan, Gyrgyzystan, Täjigistan, Türkmenistan, Özbegistan we Amerikanyň Birleşen Ştatlarydyr. Bu meýilnama Merkezi Aziýa ýurtlary bilen ABŞ-nyň arasyndaky gatnaşyklary berkitmek, ykdysady hyzmatdaşlygy ösdürmek, howpsuzlygy üpjün etmek, ekologiýa we innowasiýa ugurlarynda bilelikdäki taslamalary durmuşa geçirmek maksadyny öňde goýýar. Sammitleriň dowamynda taraplar sebitiň ykdysady ösüşini, ulag-energetika geçelgelerini, suw serişdelerini tygşytly ulanmak meselelerini we ýaşlar diplomatiýasyny ara alyp maslahatlaşýarlar. Şeýle hem C5+1 hyzmatdaşlygy halkara parahatçylyk, howpsuzlyk we durnukly ösüş maksatlaryna hyzmat edýär.

Türkmenistan bilen Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň arasyndaky gatnaşyklar parahatçylykly, özara hormat goýmak we bähbitleriň deňligi ýörelgelerine esaslanýar. ABŞ–Merkezi Aziýa hyzmatdaşlyk mehanizmi bolsa bu gatnaşyklaryň has-da pugtalanyp, täze mazmun bilen baýlaşmagyna ýardam edýär. Bu hyzmatdaşlyk diňe bir ýurtlaryň arasynda däl, eýsem, tutuş sebitiň ykdysady ösüşine, parahatçylygyna we durnuklylygyna hyzmat edýän möhüm diplomatik meýilnama hökmünde ähmiýetlidir.

**Dünýägözel BABAÝEWA,**
*Ahal welaýatynyň Kaka etrabynyň Arassaçylyk we keselleriň ýaýramagyna garşy göreşmek gullugynyň arassaçylyk-gigiýena bölüminiň iýmit gigiýenasy boýunça sanitar lukmanyň kömekçisi.*

# Sanlylaşdyrma we emeli aň



Häzirki zaman dünýäsi sanly maglumatlar döwrüne doly gadam goýdy. Adamzadyň ähli durmuş-ykdysady işjeňligi – ykdysadyýet, ylym, bilim, saglyk, ulag-aragatnaşyk we hat-da gündelik durmuş sanly ulgamlar bilen berk baglanyşdy.

Sanlylaşdyrma we emeli aň (Artificial Intelligence – AI) häzirki zaman ösüşiniň esasy ugurlarynyň biri bolup, jemgyýetiň ösüşini täze basgançaklara çykarmaga mümkinçilik berýär.

### Sanlylaşdyrma düşünjesi we onuň ähmiýeti

Sanlylaşdyrma maglumatlary, hyzmatlary we iş proseslerini sanly görnüşe geçirmek arkaly netijeliligi artdyrmak, wagty we serişdeleri tygşytlamak, şeýle hem ýokary hilli hyzmatlary üpjün etmekdir. Ol diňe tehnologiýa däl-de, eýsem, ykdysady, jemgyýetçilik we dolandyryş ugurlarynda giň gerimli üýtgeşmeleriň başlanmagyna sebäp bolýar.

Dünýäniň köp ýurtlarynda sanly ykdysadyýet döwlet ösüşiniň möhüm bölegi hökmünde kabul edilýär. Türkmenistan hem bu ugurda halkara tejribä esaslanyp, milli sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň ýolunda möhüm ädimleri ädýär.

### Emeli aň düşünjesi

Emeli aň (AI) kompýuterleriň we maglumat ulgamlarynyň adam akylyna meňzeş pikirlenmek, öwrenmek we çözgüt tapmak ukybyny emele getirýän tehnologiýadyr. Emeli aň maglumatlary seljerýär, netijeleri deňeşdirýär we öz tejribesine görä karar kabul edýär. Bu tehnologiýalaryň esasynda, häzirki wagtda dünýäde intellektual programmalary, awtomatlaşdyrylan önümçilik ulgamlaryny, elektron maslahat beriş hyzmatlaryny hem-de akylly şäherleri (smart city) döretmek üstünlikli alnyp barylýar.

### Sanlylaşdyrma bilen emeli aňyň baglanyşygy

Sanlylaşdyrma bilen emeli aň biri-biri bilen berk baglanyşyklydyr. Sanlylaşdyrma maglumatlary elektron görnüşde toplamak we saklamak üçin mümkinçilik döredýär, emeli aň bolsa şol maglumatlary seljerip, täze netijeleri ýüze çykarmaga kömek edýär.

Mysal üçin: Saglygy goraýyşda: emeli aň lukmançylyk maglumatlaryny derňäp, näsaglara takyk kesel kesgitlemesini goýmakda ulanylýar. Bilim ulgamynda: sanly platformalar arkaly şahsylaşdyrylan okuw ulgamlary döredilýär. Ykdysadyýetde: emeli aň bazar seljermelerini awtomatlaşdyrýar, kararlaryň çalt we takyk kabul edilmegine ýardam edýär. Döwlet hyzmatlarynda: sanly maglumatlaryň esasynda emeli aň raýatlara hyzmatlary awtomatlaşdyryp berýär (meselem, elektron resminamalary taýýarlamak, maglumatlary tassyklamak we ş.m.).

### Emeli aňyň peýdasy

1. Netijeliligi artdyrýar: emeli aň adamyň ýerine gaýtalanýan işleriň ýerine ýetirilmegini awtomatlaşdyrýar.
2. Tiz we takyk seljerme: uly maglumat toplumlary (Big Data) gysga wagtda seljerilýär.
3. Innowasiýalaryň ösmegine ýardam berýär: täze hyzmat görnüşleri, akylly enjamlary we programmalary döredýär.

Sanlylaşdyrma we emeli aň häzirki zaman jemgyýetiniň ösüşiniň esasy sütünleridir. Bu iki ugur bilelikde ykdysadyýetiň netijeliligini ýokarlandyrýar, döwlet dolandyryşynyň täze görnüşlerini döretmäge mümkinçilik berýär.

**Babageldi AKMÄMMEDOW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

# Energetika howpsuzlygy

Energiýa – häzirki zaman ykdysadyýetiniň we jemgyýetiň durnukly ösüşiniň binýadydyr. Her bir döwletiň ykdysady kuwwaty, senagat ösüşi hem-de ilatyň durmuş derejesi, ilkinji nobatda, onuň energiýa howpsuzlygyny üpjün etmek ukybyna baglydyr. Şonuň üçin-de, energetika howpsuzlygy meselesi häzirki zaman dünýä ykdysadyýetiniň möhüm ugurlarynyň biri bolup, ýurdumyzyň hem strategik ösüşiniň merkezinde durýar.



Energetika howpsuzlygy – bu ýurduň içerki we daşarky energiýa isleglериniň durnukly we ygtybarly üpjün edilmegini, şeýle hem energetika ulgamynyň döwrebap, durnukly işlemegini aňladýar. Başgaça aýdylanda, energetika howpsuzlygy – ýurduň ykdysady, durmuş we ekologik durnuklylygynyň esaslaryny üpjün edýän milli howpsuzlygyň möhüm düzüm bölegidir.

### ENERGETIKA HOWPSUZLYGYNYŇ DÜZÜM BÖLEKLERI

1. Ulgamyň tehniki durnuklylygy – desgalaryň we infrastrukturalaryň ygtybarly işlemegi.
2. Energiýa çeşmeleriniň dürlüligi – diňe bir çeşmä bagly bolmazlyk üçin gaýtadan dikeldilýän çeşmeleri ösdürmek.
3. Energiýa tygşytlamak – täze tehnologiýalar arkaly sarp edilişi azaltmak.
4. Daşarky eksport mümkinçilikleri – energetika hyzmatdaşlygyny giňeltmek.

Energetika howpsuzlygyny üpjün etmekde ekologik durnuklylyk aýratyn orun eýeleýär. Döwrebap tehnologiýalaryň, «ýaşyl» energetikanyň we arassa önümçiligiň ösdürilmegi arkaly daşky gurşawyň goragy üpjün edilýär.

Türkmenistanda energetika pudagy döwlet ösüşiniň ileri tutulýan ugurlarynyň biridir. Hormatly Prezidentimiz tarapyndan alnyp barylýan syýasat şu ugurlary öz içine alýar: täze energiýa çeşmeleriniň gözlenmegi, energetika infrastrukturasynyň döwrebaplaşdyrylmagy, eksport mümkinçilikleriniň giňeldilmegi, maglumat we sanly dolandyryş ulgamlarynyň ornaşdyrylmagy we energiýa tygşytlaýyş çäreleriniň kämilleşdirilmegi.

Energetika howpsuzlygy – ýurduň ykdysady ösüşiniň, jemgyýetiň abadançylygynyň we döwlet garaşsyzlygynyň möhüm guralydyr. Energiýa serişdelerini netijeli ulanmak, täze çeşmeleri ösdürmek, energiýa tygşytlamak we ekologik durnuklylygy üpjün etmek arkaly energetika howpsuzlygy berkidilýär. Türkmenistan öz tebigy baýlyklaryna, ylmy-tehniki mümkinçiliklerine hem-de strategik syýasatyna daýanyp, durnukly energetika ösüşiniň we halkara energetika howpsuzlygynyň möhüm paýdary hökmünde çykyş edýär.

**Batyr ATABAÝEW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

## Ýaşyl howa gaznasy Iordaniýa 6 milliard dollar bölüp berer

Dünýäniň iň uly Ýaşyl howa gaznasy Iordaniýada 6 milliard amerikan dollarlyk bahasy bolan suwy süýjetmek boýunça taslamasyny amala aşyrmak üçin iň uly maliýe borçnamalaryny öz üstüne aldy. Ýaşyl howa gaznasynyň goldawy noýabr aýynda Braziliýada geçiriljek COP30 çäresinden öň we Pariž ylalaşygyndan 10 ýyl soň amala aşyrylýar.




Ylalaşykda gazna global maýlamanyň öňüni almak boýunça tagallalary maliýeleşdirmegiň esasy serişdesi hökmünde kesgitlenildi.

«Bu ýurdy özgerder» diýip, gaznanyň ýerine ýetiriji direktory Mafalda Duarte «Reuters» agentligine beren interwýusynda belledi. Ol sözüniň dowamynda Akaba-Amman suwuny süýjetmek we suw daşamak boýunça taslama, şeýle hem Iordaniýanyň Milli suw daşaýjysy diýlip atlandyrylýan taslama maýa goýumyň gaznanyň iň uly maýa goýumy» bolandygyny belledi.

Suwy süýjetmek boýunça iň uly taslamalaryň biri dünýäde iň köp suw ýetmezçiligi bolan Iordaniýanyň ilatynyň ýarysyna golaýyna hyzmat eder.

**Güljan ALLAGULYÝEWA,**
*Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň diller kafedrasynyň mugallymy.*

## Rim şäherinde Türkmenistanyň arheologik taryhy tanyşdyrylýar

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Türkmen we italýan alymlarynyň hyzmatdaşlygynyň netijesinde taýýarlanan tapyndylar dünýä jemgyýetçiligine hödürlenýär.

**Serginiň medeni diplomatiýadaky orny:** sergi Türkmenistanyň daşary syýasatynda medeni diplomatiýanyň möhüm bölegi hökmünde çykyş edýär. Mälim bolşy ýaly, hormatly Prezidentimiz Italiýa Respublikasyna amala



aşyran resmi saparynda bu serginiň açylyş dabarasyna gatnaşyp, iki ýurduň arasyndaky dostlukly gatnaşyklaryň aýratyn ähmiýetini belläp geçdi.

«Türkmenistanyň gadymy siwilizasiýalary» atly sergi diňe bir arheologik tapyndylary görkezmek bilen çäklenmän, eýsem, Türkmenistanyň baý medeni we taryhy mirasyny dünýä tanatmaga gönükdirilendir. Bu çäre Türkmenistanyň halkara medeni hyzmatdaşlygynyň täze tapgyryny aňladýar.

Şeýle hem hormatly Prezidentimiziň saparynyň çäklerinde Türkmenistanyň Döwlet medeniýet merkeziniň Döwlet muzeýi bilen Italiýanyň Kapitoliý medeni miras müdirliginiň arasynda özara düşünişmek hakynda Ähtnama hem-de Türkmenistanyň Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy adyndaky Şekillendiriş sungaty muzeýi bilen Italiýanyň Kapitoliý medeni miras müdirliginiň arasynda özara düşünişmek hakynda Ähtnama gol çekilmegi medeni hyzmatdaşlygyň has-da berkeýändiginiň nobatdaky subutnamasydyr.

**Kakageldi TÄÇMÄMMEDOW,**
*Türkmenistanyň Inžener-tehniki we ulag kommunikasiýalary institutynyň talyby.*

## HEMMÄMIZIŇ BORJUMYZ

Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň Döwlet ýangyn howpsuzlygy gullugy elektrik ýylylyk beriji enjamlarynyň howpsuzlyk çäreleri barada öz maslahatlary bilen ýüzlenip, şulary ýatladýar:

Elektrik ýylylyk beriji enjamlary ýanyjy öý goşlarynyň, penjireleriň perdeleriniň golaýynda goýup ulanmak, elektrik ýylylyk beriji enjamlarynyň aşagyna oda durnukly çig maly düşemezden ulanmak gada-



gan edilýär. Elektrik ýylylyk beriji enjamlar elektrik birikdirijä birikdirilende, onuň berk gysylyp durmagyny üpjün edip, köp wagtyň dowamynda dyngysyz işletmek ýa-da işläp duran wagty gözegçiliksiz galdyrmak gadagan edilýär. Senetçilik usulynda ýasalan we näsaz elektrik ýylylyk beriji enjamlary ulanmak, elektrik çyralaryň daşyna ýanyjy çig mallary örtmek, ýeňil tutaşýan ýanyjy suwuklyklary ulanmak arkaly öýlerde arassaçylyk işlerini geçirmek, enjamlary we gurallary arassalamak gadagan edilýär.

Ýangynyň alamatlary duýlanda telefon arkaly 01 ýa-da öýjükli ykjam el telefonyndan 001 belgä jaň edip, habar bermegi ýatdan çykarmaly däl. Ýangyn howpsuzlyk düzgünlerini berjaý etmek, howpsuzlygy pugtalandyrmaga gönükdirilen anyk çäreleri ýerine ýetirmekden ybaratdyr.

***Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň Döwlet ýangyn howpsuzlygy gullugy.***

## Gyş sagadyna geçildi

Ýewropa ýurtlarynyň köpüsinde gyşky sagat düzgünine geçildi. Günüň ýagtylygyndan has köp peýdalanmak maksady bilen wagt gyşyna bir sagat yza süýşürilýär. Dünýäniň dürli ýurtlarynda köp ýyllardan bäri ulanylýan bu düzgün 2001-nji ýylda Ýewropa Bileleşiginde kanunlaşdyryldy. Bu düzgüne görä, her ýylyň oktýabr aýynyň soňky



ýekşenbesinde sagatlar bir sagat süýşürilýär. Geljek ýylyň 29-njy aprelinde sagatlar öňe süýşürilip, ýene öňküsi ýaly bolar. Şeýlelikde, irden Gün ozalky günlerden ir dogýar, gijesine has ir garaňky düşýär. Bu bolsa, Günüň ýagtylygyndan has netijeli peýdalanmaga we ýagtylyk üçin sarp edilýän elektrik energiýasyny tygşytlamaga ýardam edýär. Bu düzgünden, esasan, Demirgazyk ýarym şardaky Ýewropa we Demirgazyk Amerika ýurtlarynda, şeýle hem Müsürde, Täze Zelandiýada hem-de Awstraliýanyň birnäçe sebitinde peýdalanylýar.

**Didar PÜRDEKOW,**
*Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň ýürek-damar hirurgiýasy okuwly gospital hirurgiýasy kafedrasynyň assistenti.*

## Suwasty jandarlar emeli aň arkaly anyklanar

Antarktikada deňziň düýbündäki jandarlary anyklamak üçin emeli aňdan peýdalanylyp başlandy. Bu usul ekoulgamlaryň goralmagy üçin has netijeli bolar. Angliýanyň Antarktika barlaglary instituty (BAS) deňziň düýbündäki jandarlary birnäçe sekundyň dowamynda anyklaýan emeli aň tehnologiýasy bilen işleýän ulgam döretdi. BAS tarapyndan ýaýradylan beýanat-



da häzirki wagtda suwasty jandarlary anyklamak üçin alymlaryň şol ýere degişli suratlary we wideoşekilleri uzak wagtlap seljerýändiklerini, emma täze usulda emeli aň tehnologiýasynyň birnäçe sekuntda anyklaýandygy bellenilýär. Bu ulgam Antarktikada ylmy barlaglary alyp barýan gämilerde hem ulanylyp bilner. Beýanatda Antarktikanyň töweregini gurşap alýan Günorta ummanynda deňiz jandarlarynyň köp sanlysynyň başga ýerlerde gabat gelmeýändigi mälim edildi.

**Amangözel SATYMOWA,**
*Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň diller kafedrasynyň mugallymy.*

## Ýylda iki gezek bölünýän deňiz

Koreýa Respublikasynyň gündogaryndaky Çindo bilen Modo adalarynyň arasynda deňiz suwy çekilip, ýol peýda bolýar. Bu täsin tebigy hadysa ýylda iki gezek – tomus we güýz aýlarynda bolup geçýär. Aýyň Ýere täsiri netijesinde joşgun-gaýtgyn hadysasy sebäpli emele gelýän ýol 3 kilometre golaý bolan adalaryň ara-



synda ýöräp geçmäge mümkinçilik berýär. Ini 40 metre ýetýän gury ýer bir sagat çemesi wagtdan ýene-de suw bilen örtülip, ýok bolýar. Şol wagtyň dowamynda ýerli ýaşaýjylar deňiz önümlerini ýygnaýarlar. Daşary ýurtly myhmanlaryň ýüzlerçesi bolsa, bu täsinligi görmek üçin bu ýere gelýärler. Bu täsin tebigy hadysa mynasybetli Çindo deňiz ýarylmagy festiwaly atly çäre hem geçirilýär. Adamlar emele gelen tebigy ýoldan ýöräp beýleki ada geçýärler.

**Baýgeldi MEREDOW,**
*Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň talyby.*

## Gök çaý horlanmaga kömek edýär

Gök çaý artykmaç agrama garşy göreşde örän peýdaly bolup biler. Braziliýanyň Kruzeýru-du-Sul uniwersitetiniň professory Rozmari Ottonyň ýolbaşçylygyndaky halkara alymlar topary tarapyndan şeýle netijä gelindi.

Ýokary kaloriýaly iýmitler bilen naharlanan syçanlarda geçirilen tejribeler hem muny tassyklady. Iýmit bilen birlikde gök çaý ekstraktyny alan haýwanlaryň agramy azaldy we



olaryň bedenleri şekeri has gowy özleşdirip başlady.

Alymlaryň pikiriçe, çaýdaky maddalar semizlige sebäp bolýan myşsa süýümleriniň atrofiýasynyň öňüni alýar, şeýle hem glýukozany has işjeň energiýa öwürmäge kömek edýär. Mundan başga-da, çaý maddalaryň dogry çalyşmasyna jogap berýän genleri işledýär. Alymlar çaýyň peýdasynyň esasy syrynyň sowuklama bilen göreşýän we metabolizmi gowulandyrýan ýörite belokda (adiponektin) ýerleşýändigine ynanýarlar. Barlagyň netijeleri «Cell Biochemistry & Function» žurnalynda çap edildi.

**Gurbandurdy ORAZOW,**
*Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň terapewtik stomatologiýa kafedrasynyň mugallymy, lukmançylyk ylymlarynyň kandidaty.*

ZAMAN TÜRKMENISTAN

**ESASLANDYRYJYSY –**
«ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Oktýabr aýynyň 31-i, 2025
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-117438
Belgisi: 44/1662
Tiražy: 8105
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR **MYRATDURDY GARJANOW**
JOGAPKÄR KÄTIP **AMANMYRAT BAÝMYRADOW**

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-36
web sahypa: www.zamanturkmenistan.com.tm
e-poçta: info.zamanturkmenistan@gmail.com, zamanturkmenistan@sanly.tm

**BELLIK:** Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

Gazetiň PDF nusgasyny QR kod arkaly elektron görnüşde okap bilersiňiz!

## DÜNÝÄ TÄZELIKLERI

### gysga setirlerde

**Indiki saýlawlara gatnaşmakçy.** Braziliýanyň Prezidenti Luis Inasiu Lula da Silwa geljek ýyl döwlet Baştutanynyň saýlawlaryna dalaşgär boljakdygyny mälim etdi. «80 ýaşymyň dolýandygyna garamazdan, 30 ýaşymdaky ýaly güýjüm bar. Men dördünji Prezidentlik möhletine dalaşgärlik etmekçi» diýip, ol Indoneziýada döwlet saparynda bolanda aýtdy. Braziliýada Prezident saýlawlaryny 2026-njy ýylyň 4-nji oktýabrynda geçirmek meýilleşdirilýär.



**Saýlawlarda ýeňiş gazandy.** 27-nji oktýabrda Kot-d'Iwuarda geçirilen Prezident saýlawlarynda Alassan Uattara ýeňiş gazandy. Maglumatlara görä, «Demokratiýa we parahatçylyk üçin bileleşik» partiýasynyň dalaşgäri, Kot-d'Iwuaryň häzirki Prezidenti Alassan Uattara sesleriň 89,77 göterimini alyp, Prezident saýlawlarynda ynamly ýeňiş gazandy. Ýurtda Prezident 5 ýyl möhlet bilen halkyň ses berişligi esasynda saýlanýar.



**Mileýiň partiýasy öňdeligi eýeledi.** Argentinanyň Prezidenti Hawer Mileýiň partiýasy kanun çykaryjy organyň aralyk saýlawlarynda ynamly ýeňiş gazandy. Şeýlelikde, saýlawçylar oňa düýpli ykdysady özgertmeleri dowam etdirmek üçin mandat berdiler. Prezidentiň «Azatlyk öňe gidýär» partiýasy tarapyndan ýolbaşçylyk edilýän libertarian blogy sesleriň 41 göterimine, «Watanyň güýji» blogynda birleşen toparlar bolsa 31,7% sese eýe boldy.



**Golýazma dikeldildi.** Hytaýyň Pekin uniwersitetiniň barlag geçirijileri emeli aňyň kömegi bilen ýüzüne duýguly goşgy ýazylan 1600 ýyl mundan öňki düýrlenen gadymy golýazmany doly dikeltdiler. Bu barada «South China Morning Post» gazeti habar berdi. Gürrüňi edilýän «Lo derýasynyň Hudaýyna oda» atly bu eser IV asyrda ussat kalligraf Wang Sýançži tarapyndan döredilipdir. Ýöne bu eseriň diňe kiçijik bir bölegi biziň günlerimize gelip ýetipdir.



**Iň uly goraghana döredilер.** Fransuz Polineziýasynda dünýäniň iň uly deňiz goraghanasy döredilер. Bu goraghana 4,8 million inedördül kilometri, ýagny tutuş Ýewropa Bileleşiginiň ululygyna deň ykdysady zolagy öz içine alar. Täze goraghana deňiz jandarlaryny goramak maksady bilen döredilýär. Arhipelagyň ýaşaýjylary bu pikiri goldadylar. Olar üçin bu diňe bir deňiz ekologiýasyny goramak däl, eýsem, medeni mirasy goramagyň hem bir usulydyr.



**Milli nyşanyna öwrüldi.** Gyrgyz Respublikasy gar barsyny ýurduň milli nyşany hökmünde ykrar edýän karary tassyklady. Bu karar ýurduň tebigy we medeni mirasyny şöhlelendirýän nyşanlary gorap saklamak hem-de wagyz etmek maksady bilen kabul edildi. Gar barsy Tebigaty we janly-jandarlary goramak boýunça halkara bileleşiginiň Gyzyl kitabyna girizildi. Gar barsy ýitip gitmek howpy abanýan jandarlaryň bir görnüşi bolup, Gyrgyz Respublikasyndan başga 12 ýurtda seýrek duş gelýär.



**Dünýäniň iň agyr şetdalysy.** ABŞ-nyň Wirjiniýa ştatyndaky hasyl ýygnaýjylar adatdan daşary şetdalyny görüp, ullakan miwäniň rekord goýup biljekdigi barada bilermenlere habar berýärler. Bilermenler agramy 830 grama deň şetdalyny barlagdan geçirenlerinden soň, resmi taýdan dünýäde iň agyr şetdaly diýip yglan etdiler. «Biz iň uly şetdalyny ösdürip ýetişdirmäge synanyşmadyk. Muny tebigatyň özi eçildi» diýip, bagban Genri Çiles aýtdy.



**Pikassonyň kartinasy satyldy.** Pablo Pikassonyň çeken kartinasy Parižindäki auksionda 32 million ýewro satyldy. Eser «Gülli şlýapaly zenanyň portreti» diýlip atlandyrylýar. 1943-nji ýylda çekilen kartinada Pikasso fransuz suratkeşi Dora Maary suratlandyrypdyr. Fransuz maşgalasy eseri 1944-nji ýylda anonim görnüşde satyn alyp, 80 ýyldan gowrak wagtlap hususy kolleksiýasynda saklapdyr.



## Prezident Trampyň Aziýa sapary

24-nji oktýabrda ABŞ-nyň Prezidenti Donald Tramp Aziýa ýurtlaryna sapara başlady. Prezident Tramp saparyň dowamynda Hytaýyň Başlygy Si Szinpin, şol sanda, sebitdäki esasy ýurtlaryň liderleri bilen duşuşdy. Trampyň ýanynda Döwlet sekretary Marko Rubio, maliýe ministri Skott Bessent we Söwda wekili Jeýmison Grir hem saparda bolýar.

Trampyň uçary ýolugra Katarda düşledi. Ol bu ýerde Katar Döwletiniň Emiri Şeýh Tamim bin Hamad Al Tani bilen duşuşdy. Şondan soň Trampyň uçary Malaýziýanyň Kuala-Lumpur aeroportuna gondy. ABŞ-nyň Prezidenti Malaýziýada ýurduň Premýer-ministri Anwar Ibrahim bilen gepleşik geçirdi. Gepleşikleriň esasy temasy goranmak, howpsuzlyk, söwda we maýa goýum meseleleri boldy.

Prezident Tramp 26-njy oktýabrda Kuala-Lumpurda öz işine başlan Günorta-Gündogar Aziýa döwletleriniň Assosiasiýasynyň (ASEAN) sammitine hem gatnaşdy. Foruma sebitiň liderlerinden we ABŞ-nyň Prezidentinden başga-da, Ýaponiýanyň Premýer-ministri Sanae Takaiti, Hytaýyň hökümet Başlygy Li Sýan, Koreýa Respublikasynyň Prezidenti Li Čže-Mýon we Braziliýanyň Prezidenti Luis Inasiu Lula da Silwa gatnaşdy. Mundan başga-da, sammite Günorta Afrika Respublikasynyň, Kanadanyň, Awstraliýanyň we Täze Zelandiýanyň liderleri hem gatnaşdy. Sammitiň dowamynda ASEAN-yň we hyzmatdaş ýurtlaryň wekilleri giň gerimli halkara meseleleri ara alyp maslahatlaşdylar.

27-nji oktýabrda ABŞ-nyň Prezidentiniň Ýaponiýa sapary başlady. Döwlet Baştutany saparynyň dowamynda ýurduň taryhyndaky ilkinji zenan Premýer-ministr Sanae Takaiti bilen gepleşik geçirdi, şeýle hem Imperator Naruhito bilen duşuşdy. Şondan soň, Tramp Koreýa Respublikasynyň Kýonju şäherine sapar edip, ol ýerde 30-njy oktýabrdan 1-nji noýabr aralygynda geçirilýän Aziýa-Ýuwaş ummany ykdysady hyzmatdaşlygy (APEC) ýurtlarynyň liderleriniň 32-nji sammitine



gatnaşdy. Iş maksatnamasynyň çäginde ol Koreýa Respublikasynyň Prezidenti bilen ikitaraplaýyn gepleşikleri geçirdi we sebitiň işewür toparlarynyň wekilleriniň öňünde çykyş etdi. Mundan başga-da, Prezident Tramp sammitiň çäklerinde Hytaýyň Başlygy Si Szinpin bilen ikitaraplaýyn duşuşyk geçirdi.

APEC 1989-njy ýylda Aziýa-Ýuwaş ummany sebitiniň ýurtlarynyň arasyndaky hyzmatdaşlygy ösdürmek maksady bilen döredildi we häzirki wagtda 21 ýurdy öz içine alýar. APEC sebitde söwda gatnaşyklaryny güýçlendirmek üçin öňdebaryjy platformalaryň arasynda görnükli orun eýeleýär. G7 we G20 ýaly beýleki resmi däl guramalardan tapawutlylykda, APEC-iň Singapurda ýerleşýän hemişelik sekretariaty bar.

## Magdan känlerine maýa goýýar

ABŞ-nyň Prezidenti Donald Tramp Alýaskadaky magdan gazyp çykarylýan Amber sebitine barýan ýoluň taslamasyny makullady. «Bu sebite barýan ýoluň taslamasy şol ýerdäki kobalt, mis we beýleki ýerasty baýlyklaryň uly ýataklaryny özleşdirmäge kömek eder» diýlip, Ak Tamyň web sahypasynda aýdylýar.

«Prezident Donald Tramp Alýaskanyň Senagat ösüş we eksport edarasynyň başlangyjyny makullady hem-de öz administrasiýasyna «Amber ýoly» taslamasy üçin zerur bolan ygtyýarnamalary gyssagly bermegi tabşyrdy. Bu taslama Amber sebitine ulag arkaly elýeterliligi üpjün eder» diýlip, beýanatda aýdylýar.

Bu ýol magdan gazyp almak üçin örän möhümdir. Ak Tam şeýle hem Kanadanyň «Trilogy Metals» kompaniýasy bilen hyzmatdaşlyk şertnamasynyň baglaşylandygyny mälim etdi. Bu şertnama Amber sebitinde gözleg iş-



lerini goldamak üçin 35,6 million amerikan dollary möçberinde maýa goýumyny göz öňünde tutýar. ABŞ hökümeti kompaniýanyň 10% paýyna ýene-de 7,5% gymmatly kagyzlaryny satyn almak hukugyna eýe boldy.

## Garaşsyz dalaşgär ýeňiş gazandy

24-nji oktýabrda Irlandiýada geçirilen Prezident saýlawlarynda garaşsyz dalaşgär Ketrin Konnolli ynamly ýeňiş gazandy. Maglumatlara görä, onuň esasy bäsdeşi, merkezi «Fine Gael» partiýasyndan dalaşgär Hizer Hamfris resmi taýdan ýeňlendigini mälim etdi. Sesler sanalandan soň, Konnolliniň sesleriň 64 göterimine, Hamfrisiň bolsa 29 göterimine eýe bolandygy habar berildi. «Fine Gael» partiýasy Irlandiýada dolandyryjy koalisiýanyň bir bölegi bolsa-da, olaryň dalaşgäri bu saýlawda garaşsyz bäsdeşini ýeňip bilmedi. Ses bermäge hukukly 3,6 million saýlawçynyň, takmynan, 40 göterimi saýlawlara gatnaşdy.

Ilkibaşda ýurduň onunjy Prezidenti wezipesine üç dalaşgär bäsleşýärdi. Ýöne Premýer-ministr Maýkl Martiniň «Fianna Fáil» partiýasyndan dalaşgär Jim Gawin belli bir sebäplere görä, bäsleşikden çykdy. Onuň çekilendigine garamazdan, Gawiniň ady saýlaw býulleteninde galdy.

Irlandiýanyň Prezidenti dünýä arenasynda ýurda wekilçilik edýär, döwlet Baştutanlaryny kabul edýär we ýörite konstitusion ygtyýarlyklardan peýdalanýar. Şol bir wagtyň özünde, Prezidentiň wezipesi wekilçilikli häsiýete eýedir, sebäbi onuň kanunlary ýa-da syýasaty kesgitlemäge ygtyýary ýok. Şeýle-de bolsa, saýlawlaryň netijeleri häzirki wagtda saýlawçylar tarapyndan haýsy pikirleriň we syýasatyň goldanylýandygyny aýdyň görkezdi.

68 ýaşly Ketrin Konnolli geçen ýyllaryň dowamynda birnäçe döwlet wezipelerinde işledi, şol sanda Golueý şäheriniň häkimi, parlamentiň agzasy we wekiller palatasynyň başlygynyň orunbasary ýaly wezipelerde işledi. Ol Prezident saýlawlaryna garaşsyz dalaşgär hökmünde gatnaşdy.



Konnolli 2011-nji ýyldan bäri bu wezipäni eýeleýän häzirki Prezident Maýkl Higginsiň ýerine geçer. Ketrin Konnolliniň kasam kabul ediş dabarasy 11-nji noýabrda meýilleşdirilýär. Irlandiýanyň Prezidenti saýlawlar arkaly 7 ýyl möhlete saýlanýar we ikinji möhlete gaýtadan saýlanyp bilner.

Irlandiýa Respublikasy Demirgazyk Ýewropada ýerleşýän, Irlandiýa adasynyň köp bölegini eýeleýän ýurt. Paýtagty Dublinde ýurduň ilatynyň dörtden bir bölegine golaýy (1,4 million adam) ýaşaýar. Ýurduň jemi ilaty 5,38 million töweregi adama deň.

## ASEAN-yň sammiti geçirildi

26-28-nji oktýabrda Malaýziýanyň paýtagty Kuala-Lumpur şäherinde Günorta-Gündogar Aziýa döwletleriniň Assosiasiýasynyň (ASEAN) 47-nji sammiti geçirildi. Sammitiň esasy temasy «Inklýuziwlik we durnuklylyk» boldy.

Sammitde çykyş eden Malaýziýanyň Premýer-ministri, ASEAN-yň 2025-nji ýyldaky başlygy Anwar Ibrahim bäsdeşligiň artmagynyň diňe bir ASEAN-yň ykdysadyýetini däl, eýsem, bu guramanyň hyzmatdaşlyga bolan ynamyny saklamak baradaky umumy kararyny hem synagdan geçirýändigini aýtdy. Ol öz çykyşynda hormatyň we paýhasyň guramanyň agzalaryny özara baglanyşdyrýandygyna, munuň bolsa ASEAN-yň esasy güýjüdigine ünsi çekdi. Onuň çykyşyndan soň Gündogar Timor döwletini ASEAN-a kabul etmek baradaky jarnama gol çekildi. Ada döwleti sebitleýin guramanyň 11-nji agzasy hökmünde kabul edildi.

Gündogar Timoryň Prezidenti Žoze Ramuş-Orta we Premýer-ministr Şanana Gusman ASEAN-a kabul edilmek baradaky Jarnama gol çekmek dabarasyna gatnaşdylar. Gündogar Timor 2011-nji ýylda ASEAN-a agza bolmak barada ýüz tutupdy. 2022-nji ýylyň noýabr aýynda ASEAN-a agza ýurtlar bu ýurdy sebit guramasynyň täze agzasy hökmünde kabul etmek barada özara ylalaşdylar.

Häzirki sammitde agza ýurtlaryň liderleri öz ünsüni ASEAN jemgyýetiniň döredilmegi we sebitleýin guramanyň daşarky gatnaşyklary bilen baglanyşykly meselelere gönük-




direrler. Şeýle-de, taraplar sebitleýin integrasiýany çuňlaşdyrmagyň, ykdysady ösüşi höweslendirmegiň we sebitde özara gatnaşyklary güýçlendirmegiň ýollaryny ara alyp maslahatlaşdylar.

ASEAN 1967-nji ýylda esaslandyryldy. Guramanyň agzalygyna Bruneý, Kamboja, Indoneziýa, Laos, Malaýziýa, Mýanma, Filippinler, Singapur, Tailand, Wýetnam we Gündogar Timor girýär.



## Iň köp eksport edýän ýurtlar

**Hytaý 2025-nji ýylda Afrika, Günorta-Gündogar Aziýa we Ýewropa ýurtlary bilen söwda gatnaşyklaryny has-da giňeltdi. Hytaý özüniň global eksport lideri derejesini has-da berkidýär. ABŞ bolsa, ykdysady taýdan öz-özüni üpjün etmek meselesine has köp ünsüni jemleýär.**

**Bütindünýä Söwda Guramasynyň maglumatlaryna görä, Hytaýyň eksporty 2024-nji ýylda 6% ýokarlanyp, 3,6 trillion amerikan dollaryna ýetdi we ABŞ bilen aratapawudyny hasam giňeltdi. Häzirki wagtda global eksport konteýnerleriniň 36 göteriminde hytaý harytlary bar. Şeýle hem Hytaý 2025-nji ýylda Latyn Amerikasy, Afrika we Aziýa bazarlaryna harytlaryny rekord derejede ibermäge taýýarlanýar.**

**ABŞ dünýäde ikinji iň uly eksport edijі ýurt bolmagynda galyp, geçen ýyl ýurduň eksport mukdary 2,1 trillion amerikan dollaryna deň boldy. 2025-nji ýylyň ýanwar-iýul aýlary aralygynda amerikan harytlaryna bolan islegiň, takmynan, 30 göterimi Kanadanyň we Meksikanyň paýyna düşdi.**

**Üçünji ýerde Germaniýa gelip, onuň eksport möçberi 1,7 trillion amerikan dollaryna deň bolup, geçen ýyldakydan 1% azdyr. Dördünji orunda bolsa, 921 milliard amerikan dollarlyk eksporty bilen Niderlandlar gelýär.**

**Eksportuň iň çalt ösüşi Wýetnamda, Gonkongda we Fransiýada hasaba alyndy – degişlilikde +14%, +12% we +11%. Wýetnamyň ösüşi, esasan, global üpjünçilik zynjyrlarynyň üýtgedip gurulmagy netijesinde nebitiň, kofeniň we tüwiniň işjeň eksporty bilen şertlendirildi.**



## Täze taslamany mälim etdi

Saud Arabystany Patyşalygynyň Mirasdüşer Şazadasy, Premýer-ministri Mohammed bin Salman bin Abdelaziz Al Saud Mekgede «Patyşa Salmanyň derwezesi» (King Salman Gate) atly giň gerimli täze şähergurluşyk taslamasynyň başlanandygyny habar berdi.

«Patyşa Salmanyň derwezesi», takmynan, 12 million inedördül metr meýdany eýelär we mukaddes al-Haram metjidine (Käbe) ýakyn ýerde ýerleşer. Taslama şäher infrastrukturasyny ösdürmegi, mukaddes ýere ulaglaryň elýeterliligini gowulandyrmagy we zyýaratçylar hem-de şäheriň ýaşaýjylary üçin hyzmatlary gowulandyrmagy maksat edinýär.

Bu toplum ýaşaýyş, myhmanhana, söwda we medeni zolaklary birleşdirip, ýaşaýjylar, zyýaratçylar we jahankeşdeler üçin dürli mümkinçilikleri döreder. Onuň çäklerinde şol bir wagtyň özünde, takmynan, 900 müň adam ýerleşip biler. «Patyşa Salmanyň derwezesi» ýerli ykdysadyýete uly itergi bolar. 2036-njy ýyla çenli 300 müňden gowrak iş ýeriniň döredilmegine garaşylýan bu taslama milli «Vision 2030» strategiýasynyň ykdysady diwersifikasiýa we durnukly ösüş maksatlaryna goşant goşar.

Taslamanyň durmuşa geçirilmegi Saud Arabystanynyň Mekgäni ruhy we medeni aýratynlygyny gorap saklaýan häzirki zaman, ýokary depginde ösýän dünýä derejesindäki şähere öwürmek ugrundaky ýene bir ädimidir. Bu taslama zyýaratçylaryň ösýän akymyna goldaw bermäge, täze iş ýerleri döretmäge we Mekgäni däp-dessurlaryň we ösüşiň sazlaşygynyň nyşanyna öwürmäge gönükdirilendir.

## TARYHDA ŞU GÜN

**1892-nji ýylyň 31-nji oktýabrynda iňlis ýazyjysy Artur Konan Doýluň ilkinji gezek 12 sany detektiw hekaýadan ybarat «Şerlok Holmsuň başdan geçirmeleri» atly kitaby neşir edilýär. Bu kitap Doýluň hekaýalarynyň ilkinji ýygyndysydyr. Holms oýlanyp tapylan gahryman däl. Artur Konan Doýluň terjimehal düzüjileri munuň Doýluň belli amerikan şahyry we ýazyjysy Oliwer Wendell Holmsa bagyşlandygyna ynanýarlar. Şerlok adyny bolsa, awtoryň özi oýlap tapýar.**




## ÝERASTY GEÇELGE IKI ŞÄHERI BIRLEŞDIRER

**Şwesiýanyň Malmö şäherinde Malmö bilen Kopengageni birleşdirjek ýerasty geçelge bolan «Öresundsmetron» taslamasyna taýýarlyk görmek üçin ilkinji synag burawlama işleri başlandy. Täze metro şäherleriň arasyndaky syýahatyň wagtyny 40 minutdan 20 minuta çenli azaldar.**

**Takmynan, 60 milliard kron (5,4 milliard amerikan dollary) bahasy bolan taslama 10 ýyldan gowrak wagt bäri işlenip düzülýär. Şwesiýa bilen Daniýa hökümetleriniň gün tertibindäki bu taslamanyň tehniki we geologik barlaglary işjeň dowam edýär. Malmö tarapynyň sözlerine görä, burawlama işleri gurluşyk işleri başlamazdan öň töwekgelçilikleri we çykdajylary çaklamak üçin zerurdyr.**

**Daniýa tarapyndan Kopengagen häkimiýetleri Öresund metrosynyň bir bölegi boljak täze M5 metro geçelgesiniň gurluşygyny tassyklady. Syýasatçylar taslamanyň Kopengageni Malmö bilen baglanyşdyrýan Öresund köprüsiniň ýüküni ýeňletmek üçin zerurdygyny nygtaýarlar. Çünki bu ýerde ýük we ýolagçy gatnawlarynyň möçberi barha artýar.**

**Metronyň 1 milliondan gowrak adamdan ybarat täze zähmet bazaryny döretmegine we Şwesiýa bilen Daniýanyň arasyndaky ykdysady hem-de sosial gatnaşyklary berkitmegine garaşylýar. Eger ähli zat meýilnama laýyklykda gitse, geçelgäniň Daniýadaky bölegi 2036-njy ýyla çenli, Şwesiýadaky bölegi bolsa, birnäçe ýyldan soň tamamlanar.**



# DÜNÝÄDÄKI IŇ ULY KÖŞKLER TOPLUMY






Pekiniň merkezinde 74 gektar meýdany eýeleýän dünýädäki iň uly köşkler toplumy ýerleşýär. «Gadagan edilen şäher» (The Forbidden City) ady bilen tanalýan Pekiniň köşkler toplumy 1420-1912-nji ýyllar aralygynda Hytaýyň merkezi bolup hyzmat edipdir. Köşkler toplumynyň gurluşygy 1406-njy ýylda başlanyp, 1420-nji ýylda tamamlanýar. Toplum birnäçe köşkden, howlulardan we ýaşaýyş jaýlaryndan ybarat. Ýerli halkyň arasynda «gyrmyzy şäher» ady bilen meşhur bolan toplumyň bezeginde, esasan, gyrmyzy we sary reňkler ulanylypdyr. Gyrmyzy reňk hytaý medeniýetinde oňatlygy hem-de bakylygy alamatlandyrýar. Sary reňk Şa maşgalasynyň nyşany hasaplanypdyr.

1924-nji ýyla çenli köşk toplumy höküminde ulanylan şäher 1925-nji ýylda Hytaýyň milli muzeýi diýen derejä eýe bolup, köpçülige gapylaryny giňden açýar. Daşyna 8 metr töweregi beýiklikde gala aýlanan 500 ýyllyk gadymy şäher milli baýramçylyklaryň, däpdessurlaryň geçirilýän merkezleriniň biri bolup, ýokardan seredeniňde gönüburçlugy emele getirýär. 1987-nji ýylda ÝUNESKO-nyň Bütindünýä mirasynyň sanawyna girizilen toplumda 9 müň 999 otag hem-de 980 bina bar. Köşkler toplumynda Hytaýyň milli mirasy hasaplanýan 1 million töweregi artefakt saklanýar. Şäheriň içindäki taryhy ýerler iki bölege bölünip, toplumyň merkezinde «Aždarha tagty» diýlip atlandyrylýan, imperator oturgyjyny öz içine alýan esasy köşk ýerleşýär. Bu tagt altyndyr gymmat bahaly daşlar bilen bezelipdir.

Dört derwezeli «gyrmyzy şähere» her ýyl 20 million töweregi syýahatçy barýar. Şäheriň günorta girelgesi syýahatçylar üçin niýetlenen bolup, bu girelgäni meridian çyzygynyň kesip geçýändigi sebäpli, «Meridian derwezesi» hem diýilýär. Derwezäniň iki gapdalynda uzap gidýän ganatlary bar. Galanyň dört burçunda kiçiräk bambuk minaralar bolup, häli-şindi jaňlaryň sesi ýaňlanyp durýar. Üçekleri bambukdan ýasalan şäheriň içinden emeli döredilen «altyn» derýa akyp geçýär. Giňligi 4,5 metre barabar bolan bu derýanyň boýunda gezelenç edip, şäheriň gözelliklerini synlap bolýar. Köşkler toplumynyň demirgazygynda 10 gektar meýdany tutýan bambuk, kiparis we arça agaçlarynyň tokaýy bar. Mundan başga-da, bu ýerde gyzyl gülleri bilen şäheri bezeýän alma agaçlarynyň meýdany hem bar.

# Jorap geýip uklamak peýdalymy?

**«Joraply uklamalymy ýa-da jorapsyz?» diýen sowala her kim başgaça jogap berýär. Kimler joraply uklamak peýdaly diýýän bolsa, kimler jorapsyz uklamagyň bedeniň dynç almagy üçin möhümdigini belleýär. Eýsem, joraply uklamak peýdalymy ýa-da jorapsyz?! Geliň, bilermenleriň bu baradaky garaýyşlary bilen tanyş bolalyň!**

Uky gün tertibiniň möhüm bölegidir. Lukmanlar ukynyň beýniniň we bedeniň kadaly işlemegi üçin zerurdygyny belleýärler. Adamlaryň aglaba bölegi günüň üçden bir bölegini uky üçin sarp edýär. Soňky ýyllarda adamlarda uklamakdan ejir çekmek ýa-da ýatsaň hem ýatmadyk ýaly ukusyz oýanmak ýaly alamatlar ýygy-ýygydan duş gelýär. Munuň sebäbi stres, tehnologik enjamlaryň täsiri we saglyk bilen baglanyşykly düşündirilýär.

Bilermenler ukusyzlykdan ejir çekýänlere jorap geýip uklamagy maslahat berýärler. Geçirilen barlaglarda ýatmazdan öň aýagyna jorap geýýän adamlaryň has çalt uklaýandygy ýüze çykaryldy. Munuň sebäbi jorap geýmegiň bedeniň gyzgynlygynyň peselmegine ýardam edýändigi bilen düşündirilýär. Esasan hem, gyş aýlarynda ýatmazdan öň jorap geýmek dabanyňy gyzdyrýar, bedeniň içki gyzgynlygyny kadalaşdyrmaga ýardam edýär. Uklan wagtyň bedeniň gyzgynlygy 1-2 dereje peselýär we adam özüni rahat duýýar. Bedeniň gyzgynlygy günüň dowamynda kem-kemden ýokarlanýar. Günortan wagty adamlar özüni işjeň duýýarlar. Uka gidilende bedeniň temperaturasy ýene-de peselýär. Bu ýagdaý her gün bedeniň biologik sagady esasynda gaýtalanyp durýar. Bilermenler kadaly uk-



lamak üçin ýatylýan otagyň temperaturasyny 15-20 dereje ýylylykda saklamagy maslahat berýärler.

**Jorap geýip uklamagy halamaýan bolsaňyz ýatmazdan ozal şu usullary ulanyp bilersiňiz:**

- Wannada deňiz suwuny taýýarlap, ýyly suwa aýagyňy salyp oturmak.
- Dabanyň aşagyna aýagyňy gyzdyrýan we rahatlandyrýan melhem çalmak.
- Ýatmazdan 1-2 sagat öň suwa düşmek we gyzgyn çaý içmek.
- Aýagyňy ýorganyň bilen ýapyp ýatmak.

Bilermenler jorap geýip uklananda käbir ýagdaýlary gözden salmaly däldigini belleýärler. Ilki bilen, agşamyna sintetik jorap geýmekden gaça durmaly. Ýatmazdan ozal nah matadan tikilen giňräk jorap geýmeli. Jorabyň bogdagynyň aýagyň gan damarlaryny gysýandygyna ýa-da gysmaýandygyna üns bermeli. Eger jorabyňyz gysýan bolsa, gan aýlanyşygyny peseldip biler. Bilermenler aýagyňy gysýan jorap bilen uklamagyň saglyk üçin zyýanlydygyny belleýärler. Gysýan jorabyň deregine dokalan jorap, gysga jorap ýa-da mesi geýip bolar.

# Bananyň gabygyny zibile taşlamaň

**Banan iň peýdaly miweleriň biri hasaplanýar. Çagalardan başlap, sport bilen meşgullanýanlaryň we ýaşy bir çene baranlaryň iň halaýan iýmitleriniň biri bolan bananda B6, B12, C witamini, belok, kaliý, folat, magniý, marganes ýaly ýokumly minerallar saklanýar. Bananyň dünýäde müňden gowrak görnüşi ösýär. Bilşimiz ýaly, palma agajynda bitýän süýri miwe ýaşyllygyna ýolunýar. Bu miwäniň iň peýdalysy bir hepde duran, daşy garalyp ugran sary banan bolup, agzyňda eräp gidýär. Adatça banan iýlenden soň gabygy zibile taşlanýar. Bilermenler bananyň gabygynyň hem miwesi ýaly peýdalydygyny belläp, şu maslahatlary berýärler:**




- Bananyň gabygy witaminlere we antioksidantlara baý. Ýüzüňe ýa-da eliňe bananyň gabygyny sürteniňde derini nemlendirýär, düwürtikleri azaldýar we tebigy öwüşgin berýär. Şeýle hem ýüzdäki gara nokatlary we tegmilleri aýyrmaga kömek edýär. Bananyň gabygy yzygiderli ulanylanda deri has ýaş we ýumşak görünýär.
- Bananyň gabygyny şikes alan ýa-da kesilen ýeriňe, şeýle hem mör-möjegiň çakan ýerine ýapanyňda yzany aýryp, bedeni rahatlandyrýar. Bananyň gabygynyň sowatmak häsiýetiniň bardygy sebäpli gijilewüge ýa-da deriniň gyzaran ýerine hem sürtüp bolýar.
- Eli-aýagy gurak bolanlar üçin bananyň gabygy tebigy melhemdir. Bananyň gabygyndaky tebigy ýaglar derini nemlendirýär we güýçlendirýär.
- Bananyň gabygy kümüşden ýasalan şaý-seplerdäki ýa-da aşhana gurallaryndaky (çemçe, çarşak, pyçak, mejime) gara tegmilleri aýyrmaga ýardam edýär.
- Bananyň gabygy otag gülleri we öýde ýetişdirilýän ösümlikler üçin organik dökün bolup hyzmat edýär. Ýylmanak gabykdaky kaliý we magniý ösümligiň köküni güýçlendirýär hem-de ýapraklaryň ösüp çykmagyny üpjün edýär. Bananyň gabygyny topraga gömmek, guratmak ýa-da üwemek arkaly ulanyp bilersiňiz.

## ÇAGALAR

**Häzire çenli hasaba alnan iň uly arapaýma balygynyň uzynlygy 3,07 metre, agramy 200 kilograma barabar.**

# Maksadyňyza ýetmäge çalşyň




1957-nji ýylda kaliforniýaly on ýaşly oglanjyk şol döwrüň meşhur amerikan futbolçysy Jim Braundan awtograf almagy ýüregine düwüpdir. Ýöne uzyndan horja bu oglanjygyň maksadyna ýetmegi üçin käbir kynçylyklary ýeňip geçmegi gerekdi.

Oglanjyk ýarawsyzdygyna, ýagny aýagynyň dogry ösmegi üçin berkidilen polat plastina garamazdan, meşhur futbolçyny görmek üçin stadiona barýar. Onuň petek almaga puly bolmansoň, eşik çalşyrylýan otagda oýnuň gutararyna hem-de Jim Braunyň futbol meýdançasyndan gelerine sabyrsyzlyk bilen garaşýar.

Brauny görenine begenen oglanjyk ondan hoşamaýlyk bilen awtograf goýup bermegini soraýar we ol öz goluny goýanda şeýle diýýär:

– Jenap Braun, siziň suratyňyz meniň otagymda asylgy dur. Men siziň meşhur futbolçydygyňyzy bilýärin. Men siziň muşdagyňyz.

Braun ýylgyryp, gitmäge hyýallanypdyr, ýöne oglanjyk ony saklap şeýle diýipdir:

– Jenap Braun, men siziň ähli rekordlaryňyzy täzelemek isleýärin.

Braun geňirgenip:

– Seniň adyň näme? – diýip sorapdyr.

Oglanjyk:

– Orental Jeýms. Dostlarym maňa O.Jeý diýýärler – diýip, jogap beripdir.

Birnäçe ýyldan soň Orental Jeýms Simpson Braunyň goýan üç rekordyny täzeläpdir, ýöne köp sanly şikesleri sebäpli onuň futbol karýerasy tamamlanypdyr.

Maksat – ynsan üçin kuwwatly hereketlendiriji güýç we geljege bolan ynamly ädimdir. Öz öňüňizde maksat goýuň we oňa ýetmek üçin tagalla ediň!

# Bulary bilmek gyzykly

- Dünýäniň iň kiçi şäheri Watikan hasaplanýar. 49 gektar meýdany bolan bu şäherde 800 töweregi adam ýaşaýar.
- Mehanik goşar sagadyny herekete getirmek üçin 17-21 aralygynda çarhjagaz hereket edýär.
- Futbolçylar bir oýnuň dowamynda ortaça 11 kilometr ylgaýarlar.
- Dünýäniň iň ýokary tizlikli jemgyýetçilik otlusy Şanhaýda hereket edýär. Demir ýol ulagynyň (Şanhaý maglew) sagatdaky tizligi 460 kilometre barabar.
- Diňe towşanlar we totular kellesini öwürmezden, arkasyny görüp bilýärler.
- Dünýäniň iň giň ýoly bolan Braziliýadaky «Monumental Axis»-da 160 ulag ýan-ýana ýöräp bilýär.
- Towuklar hem beýleki guşlar ýaly uçup biler. Häzire çenli hasaba alnan towugyň iň uzak uçuş wagty 13 sekunda deň.
- Delfinler bir gözüni açyp uklaýarlar.
- Gök reňki saýgaryp bilýän ýeke-täk guş baýguşdyr.
- Böküp bilmeýän ýeke-täk jandar pildir.



- Häzirki wagta çenli hasaba alnan iň uly kädiniň agramy 1 tonna 278 kilograma barabar bolup, äpet bakja önümi angliýaly doganlar Ian we Stýuart Paton tarapyndan ösdürilip ýetişdirildi. Diametri 6,4 metre barabar bolan äpet kädi şu ýylyň oktýabrynda geçirilen bäsleşikde Ginnesiň rekordlar kitabyna girizildi.
- Äpet kalmar dünýädäki iň uly gözli jandardyr.
- Bir galam bilen ortaça 56 kilometr çyzyk çyzyp bolýar.



**6 tapawudy tapyň!**



**Labirint**



# Amazonkanyň iň uly SÜÝJI SUW BALYGY

**Dünýäde balyklaryň 33 müňden gowrak görnüşi ýaşaýar. Suwasty dünýäniň bezegi bolan bu jandarlar süýji suw akabalaryndan başlap, ummanlaryň 8 müň metr çuňluklarynda duş gelýär. Balyklaryň ählisiniň diýen ýaly daşynda teňňesi bar bolsa, käbir balykda teňňe gatlagy bolmaýar. Käbir balygyň bolsa teňňesini aňsatlyk bilen aýryp hem bolmaýar. Dinozawrlaryň döwürdeşi bolan arapaýma hem täsin aýratynlyklara eýe bolan balyklaryň biridir.**



Dünýäniň iň uly süýji suw balygy hasaplanýan arapaýma Günorta Amerikada, ýagny Braziliýa, Peru, Kolumbiýa, Boliwiýa we Gaýana sebitlerinde duş gelýär. Ilkibaşda Günorta Amerikada ýaşaýan hindiler tarapyndan awlanan bu balyga başgaça «gyzyl balyk» (piraruku) hem diýilýär. Amazonka derýasynda mesgen tutan bu balyk ilkinji gezek 1822-nji ýylda hasaba alynýar. Uzynlygy 3 metre, agramy 200 kilograma çenli ýetýän arapaýma ýyrtyjy balyk bilen süýrenijileriň birleşmeginden emele gelene meňzeýär. Ýylanyňka meňzeş kiçijik ýasy kellesi bolan bu balygyň 4 sany ýiti dişi bar. Bu balygyň bedenini goraýan teňňeleri örän berk bolup, edil sowuda meňzeýär. Şol sebäpli arapaýmanyň teňňesini aýyrmak üçin ýörite metal gurallar ulanylýar. Arapaýmanyň owadan guýrugy bolup, akwariumda ýaşaýan balyklary ýadyňa salýar. Esasy ýüzgüji (ýelken) guýrugynda bolan bu balygyň döşünde hem iki sany ýasyja ýüzgüji bar. Arapaýma ýüzmek üçin, esasan, guýrugynyň güýjünden peýdalanýar. Äpet balygyň bedeniniň reňki çalymtyl-gara bolup, guýrugynda owadan gyzyl tegmilleri bar.

Iýmit gözläp yzygiderli hereketde bolýan bu äpet balyk sagatda 30 kilometr tizlikde ýüzüp bilýär. Suwuň düýbündäki batgalyklarda süýrenip ýörýän bu balygyň esasy iýmiti külke balyklar bolup, mollýusk, kiçi süýrenijiler bilen hem iýmitlenýär. Arapaýma suwa ýakyn ýerden uçup barýan guşlary hem 2-3 metr beýiklige böküp awlap bilýär. Äpet balygyň esasy aýratynlyklarynyň biri hem suwuň ýüzüne çykyp, 15-20 minutlap dem alyp bilmegidir.

Arapaýma balygyny akwariumda hem saklap bolýar. Munuň üçin göwrümi 2-3 tonna barabar bolan, 4-5 metr uzynlykdaky akwarium gerek. Her aý 7 santimetre çenli ulalýan bu balyk 10-12 ýyl ýaşaýar. Äpet balyk 3 ýaşda doly agramyny we boýuny alýar. Häzire çenli hasaba alnan iň uly arapaýma balygynyň uzynlygy 3,07 metre, agramy 200 kilograma barabar. Soňky ýyllarda Amazonka derýasynda bu balygyň köp awlanmagy sebäpli, Günorta Amerika ýurtlarynda arapaýma balygyny awlamak boýunça çäklendirilen kanun güýje girizildi.

**Sanlary birleşdirip, şekili reňkläň!**



**Şekilli sudoku**

Şekiller öýjükleriň içine ýerleşdirilende dikligine we keseligine biri-birine gabat gelmeli däl. Ýagny bir şekil iki gezek gaýtalanmaly däl.



**Gyzykly pursat**





Sahypany taýýarlan Sumbar ALYŞIROW.






# Meşhur filmiň dowamy surata düşüriler

«Ouşeniň on biri» (Ocean's Eleven) atly meşhur filmler toplumynyň hataryna ýene biri goşular. Entek ady belli edilmedik täze filme Li Aýzek Çun režissýorlyk eder. Ol «Minari» (Minari, 2020) hem-de «Harasat» (Twister, 2024) filmleri bilen meşhurlyk gazanypdy. Täze ekran eserinde baş keşpleri Oskaryň dalaşgärleri aktýor Bredli Kuper bilen Margo Robbi janlandyrar. Robbi filmiň prodýuseri hökmünde-de çykyş eder. Bu gezekki wakalar Ýewropada, üstesine öňki kinolardakylardan ep-esli öň, 1960-njy ýyllarda bolup geçýär. Franşaýza täzelik girizilmegine garaşylýan nobatdaky ekran eseriniň ssenarisini Kerri Solomon ýazar. Täze filmiň haçan prokatlara çykaryljakdygy häzirlikçe belli däl.

Belli režissýor Stiwen Soderbergiň 2001-nji ýylda surata düşüren «Ouşeniň on bir dosty» filminiň şowly çykmagyndan soň 2004-nji ýylda «Ouşeniň on iki dosty», 2007-nji ýylda bolsa «Ouşeniň on üç dosty» kinolary-da peýda bolupdy. Hatda bu franşaýzyň hataryna 2018-nji ýylda baş keşpde diňe aktrisalaryň surata düşen «Ouşeniň sekiz jorasy» atly kino hem goşulypdy. Başdaky 3 film prokatlardan 1,1 milliard, 4-nji kino bolsa 300 million, jemi 1 milliard 422 million amerikan dollary möçberinde kassa ýygymyny gazanypdy.

Şeýle-de, golaýda franşaýzyň esasy 3 filminde baş keşpde surata düşen Jorj Kluni ýene-de köne toparyny jemläp, «Ouşeniň on dört dosty» filmini ekranlaşdyrmak maksatlarynyň bardygyny hem aýdypdy.

# Täze «Tagt oýunlary» serialy ýanwarda HBO-da



Ýaýlyma berlen döwründe, hatda ondan soňam tutuş dünýäde hemmäniň ünsüni çeken «Tagt oýunlary» (Game of Thrones) serialy häzirki günde hem özüniň uly meşhurlygyny saklap gelýär. Häzirki wagtda HBO-da öz muşdaklaryny köp garaşdyran täze «Tagt oýunlary» serialynyň ýaýlymyna taýýarlyk görülýär. «Ýedi patyşalygyň rysary» (A Knight of the Seven Kingdoms) atly bu serial geljek ýylyň başynda, ýagny 2026-njy ýylyň ýanwarynda HBO-da peýda bolar. 6 bölümden ybarat bolan serialyň ssenarisini Ira Parker bilen Jorj R. R. Martin bilelikde taýýarlady. Serialyň asly ýazyjynyň «Tales of Dunk and Egg» nowellalaryna esaslanýar.

Täze «Tagt oýunlary» serialynda öňküler ýaly aždarhalar, uly uruşlar, syýasy hilegärlikler, gürpbassylar bolmaz. «Tagt oýunlary» älemine başgaça garaýyş girizjek serial ýönekeýligi bilen tapawutlanar. Serial Ser Dancan the Tall ýa-da Dank ady bilen meşhur rysaryň başdan geçiren wakalaryny özünde jemleýär. Ssenariçi Ira Parker: — Serial Dankyň şahsyýetini açyp görkezýär. Şol sebäpli-de ähli bölümde Dankyň häsiýetlerini içgin duýmak bolar. Onuň sada, gopbamsylykdan uzak durmuşy bar — diýip, belläp geçýär.

«Tagt oýunlaryndan» öň bolup geçen wakalar dogrusynda söhbet açýan serialda baş keşbi, ýagny Dankyň keşbini Piter Klaffi janlandyrar. Dekster Sol Ansell, Finn Bennett, Berti Karwel, Säm Spruell, Daniel Ings, Tanzin Krawford dagy beýleki keşpleri ýerine ýetirer.

# Kino täzelikleri



2005-2008-nji ýyllar aralygynda «Fox» teleýaýlymynda görkezilen, 2017-nji ýylda-da diňe 1 möwsümi ýaýlyma berlen meşhur «Prison Break» serialy täzeden ekranlara dolanýar. 2024-nji ýyldan bäri taslamada duran serialyň täze nusgasy üçin «Hulu»-nyň ýolbaşçylary razylyk berdi. Şeýlelikde, «Prison Break» serialynyň täze nusgasy «Hulu»-da görkeziler. Täze serialda Emili Browning, Dreýk Rojer, Kleýton Kardenas, J.R. Born, Jorj Flores, Maýlz Bullok ýaly artistler esasy keşpleri janlandyrar. Täze serialyň ssenarisini Elgin Jeýms ýazar. Häzirlikçe serialyň haçan ýaýlyma beriljekdigi anyk bolman, ýakyn günlerde onuň surata alnyş işlerine badalga berler.



«Hollywood»-yň meşhur artistleri – aktrisa Zendeýa bilen aktýor Robert Pattinsonyň bilelikde surata düşjek «The Drama» atly romantik komediýa filminiň görkeziljek wagty mälim edildi. «A24» hem-de «Square Peg» studiýalarynyň bilelikdäki önümi boljak film 2026-njy ýylyň 3-nji aprelinde Demirgazyk Amerikadaky kinoteatrlara ýaýradylar. Filme «Ssenariý düýşi» (Dream Scenario, 2023) filmi bilen adygan Kristoffer Borgli režissýorlyk eder. Kinoda garaşylýan pursatyň öňüsyrasynda iki ýaş çatynja dürli synaglary başdan geçirmeli bolýarlar.



Angliýaly aktýor Tom Hopper bilen meşhur aktrisa Jessika Alba «The Mark» atly ekşn görnüşli filmde baş keşpleri ýerine ýetirerler. Filme Jastin Çadwik režissýorlyk edip, ekran eseriniň ssenarisini Ronni Kristensen ýazar. Jessika Alba şol bir wagtyň özünde filmiň prodýuserleriniň hem biri bolar. Geljek ýylyň 2-nji ýarymynda ekranlara çykmagyna garaşylýan filmde gizlin bir tabşyryk boýunça hereket edýän Iden (Jessika Alba) asuda durmuşda ýaşap ýören Ben Dawson (Tom Hopper) bilen gabatlaşýar. Ben Dawson Iden sebäpli çylşyrymly işleriň içine goşulyp gidýär we şondan soň dürli wakalar ýüze çykýar.

# Hiç kimiň 100 ýyllap tomaşa edip bilmejek kinosy

Mundan 10 ýyl ozal ssenarisi ussat aktýor Jon Malkowiç tarapyndan ýazylan we tanymal režissýor Robert Rodrigesiň surata düşüren «100 ýyl» (100 Years) atly ylmy-fantastik eksperimental gysga göwrümli filmine 100 ýyllap hiç kim tomaşa edip bilmez. Häzirki wagtda 90 ýyly galan film 2015-nji ýylda ekranlaşdyrylypdy we ýörite ok geçirmeýän guta ýerleşdirilipdi. Şol guty 2115-nji ýylyň 18-nji noýabryna çenli açylmaz ýaly edip goýuldy. Wagty-sagady gelende, gutynyň özi awtomatik ýagdaýda açylar we şondan soň halk köpçüliginiň dykgatyna ýetiriler.

«Hiç haçan tomaşa edip bilmersiň» şygary bolan filmiň 3 sany gysgajyk tizer görnüşdäki treýleri bar hem bolsa kinonyň esasy näme baradadygy ýaşyrynlykda saklanýar.




Filmde Jon Malkowiç, hytaýly aktrisa Şuýa Çan hem-de çilili aktýor Marko Saror dagy surata düşdi.

# Täze film

**Ady:** «Ýyrtyjy: erbet ýerler» (Predator: Badlands); **Režissýory:** Dan Trahtenberg; **Ssenariçi:** Patrik Aison; **Prodýuseri:** Jon Dewis, Brent O'Konnor, Mark Toberoff, Dan Trahtenberg, Ben Rosenblatt; **Keşplerde:** Ell Fanning, Dimitrius Şuster-Koloamatangi, Maýk Homik; **Kompozitory:** Sara Şahner, Benýamin Wallfiş; **Öndüriji:** «Lawrence Gordon Productions», «Davis Entertainment», «Toberoff Entertainment»; **Paýlaýjy:** «20th Century Studios»; **Görnüşi:** ylmy-fantastik, uruşly; **Dowamlylygy:** 107 minut; **Ýurdy:** ABŞ; **Dili:** iňlisçe.

«Ýyrtyjy» atly meşhur filmler toplumynyň hataryna ýene biri goşulyp, ol «Ýyrtyjy: erbet ýerler» (Predator: Badlands) diýlip atlandyrylýar. Dan Trahtenbergiň surata düşüren filminde bary-ýogy 4 sany artist keşp janlandyrýar. Esasy keşpde meşhur aktrisa Ell Fanning surata düşüp, oňa Dimitrius Şuster-Koloamatangi ýoldaşlyk edýär. Bu ekran eseri režissýor Dan Trahtenbergiň 4-nji filmi bolup, ol 2016-njy ýylda «Klowerfilm ýoly 10», 2022-nji ýylda «Aw» hem-de şu ýylda «Ýyrtyjy» animasiýany surata düşürdi.




Kompýuteriň kömeginden doly peýdalanylan filmde CGI tehnologiýasy giňden ulanylýar. Film Täze Zelandiýada surata düşürildi.

Filmde öz topary tarapyndan çetleşdirilen ýaş Ýyrtyjy başga bir ýerde Tiada özüne ýakyn hossar tapynýar. Ol onuň bilen esasy garşydaşyna garşy göreşmek çylşyrymly ýola rowana bolýar. Olar bu gezelençde dürli muşakgatlary başdan geçirýärler...

«Ýyrtyjy» filmi ilkinji gezek Arnold Şwarseneggeriň baş keşpde surata düşmeginde 1987-nji ýylda peýda bolupdy. 1990-njy ýylda «Ýyrtyjy 2», 2010-njy ýylda «Ýyrtyjylar», 2018-nji ýylda «Ýyrtyjy», 2022-nji ýylda «Aw» ady bilen franşaýz dowam edipdi. Şu ýyl bu franşaýza animasiýa hem goşuldy.

## SÖZ GOÝMAK




**3 HARPLY:** Saç, BMW, mis, däp, syr;

**4 HARPLY:** Dior, açar, mors, Riga, emaý, bede, alaw, borş, Oslo, lord;

**5 HARPLY:** Pudel, ýüwse, Gabon, anbar, rumba, mesge, Heops, eşret, edaly, harço, külçe, çyrla, arwah, eýsem, slýab, kelte, şelpe;

**6 HARPLY:** Monarh, Hartum, eger-de, çarlak;

**7 HARPLY:** Marengo, duralga;

**9 HARPLY:** ~~Böwürslen~~, Horwatiýa;

**Alyhan NOWRUZOW,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby.*

## 55-nji KROSSWORD



**DIKLIGINE:** **1.** Döwlet nyşany hökmünde kabul edilen dabaraly aýdym. **2.** Birleşen Arap Emirliklerine degişli Abu Dabi Emirligindäki uly oazis El-... **3.** Gar, ýagyş görnüşinde ýagýan ýagyn. **4.** Birine ýa-da bir zada nebsiň agyryp, rehimiň gelip, ah çekmegi aňladýan söz. **5.** Müşk, anbar. **6.** Yz tarap. **8.** Piliň turbapisint ösüntgi şekilindäki burny. **10.** Kompýuter adalgasy. **11.** Ylham almak, galkynmak. **13.** Toslama, hyýaly zat. **14.** «Ölinçä ... etme haýry-yhsanyň» (Magtymguly Pyragy). **16.** Parahat, arkaýyn. **17.** Hemişe gök öwsüp oturan agajyň bir görnüşi. **21.** Ekinleriň düýbüni ýumşadyp, haşal otlardan arassalaýyş işi. **23.** Diňe mikroskop arkaly görüp bolýan bir öýjükli örän kiçijik organizm. **24.** Edilen gabahat iş üçin ötünç sorama. **28.** Goluň göwrä baryp birleşýän ýerinden boýna çenli bolan aralyk, gerden. **29.** ...-taýpa. **30.** Geometrik şekil. **32.** Bedeniň daşky örtügi. **33.** Gurluşyk ulagy. **34.** Ümlük.

**KESELIGINE:** **5.** Welaýatlaryň biri. **7.** Seýil edilýän bag, ýer. **9.** Düýp, teý. **10.** Şol bir tekizlikde ýatan we biri-biri bilen hiç haçan kesişmeýän göni çyzyklaryň her haýsysy. **12.** Oglan ady. **15.** Kitabyň, depderiň we ş.m. kagyzlaryň bir ýüzi. **17.** Seýil ediji, gezende (köne söz). **18.** Sportuň bir görnüşi. **19.** Umman döwletleriniň biri. **20.** Gyz ady. **22.** Internetde ýerleşýän web-sahypanyň ýa-da elektron bukjasynyň ady. **25.** Gülküli, gyzykly oýun, şagalaňly waka. **26.** Şähdaçyk ýagdaý. **27.** Kärendesine alnan ýer. **31.** Gündelik metbugatyň, gazetiň, žurnalyň jogapkär ýolbaşçysy. **35.** Italiýanyň paýtagty. **36.** Limona meňzeş tropik miwe. **37.** Birnäçe.

**Batyrguly SÜLEÝMANOW,**
*Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň talyby.*

42-nji skanwordyň jogaby:



54-nji krosswordyň jogaby:



## 43-nji SKANWORD




**Gülälek REJEPOWA,** *Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň mugallymy.*



Sahypany taýýarlan Täjigözel BÄŞIMOWA.

# «Arkadag» topary bassyr 3-nji gezek wagtyndan öň çempionlygyny yglan etdi

Futbol boýunça Türkmenistanyň milli çempionatynda çempion wagtyndan öň belli boldy. 23-nji tapgyrda myhmançylykda «Ahal» bilen duşuşan «Arkadag» topary bassyr 3-nji gezek wagtyndan öň çempionlygyny yglan etdi. 1–0 hasabynda üstün çykan «Arkadag» toparyna çempionlyk gazandyran ýeke-täk goly 68-nji minutda Didar Durdyýew geçirdi. Şunlukda, möwsümiň tamamlanmagyna 6 tapgyr galanda, 2-nji ýerdäki topardan 26 utuk öňe saýlanan «Arkadag» topary yzly-yzyna 3-nji çempionlygyny baýram etdi.

23-nji tapgyrda «Merw» bilen «Köpetdag» toparlarynyň arasynda ýeňiş gazanan bolmady. Çekeleşikli geçen oýun 2–2 hasabynda deňlikde tamamlandy. Ýer eýeleriniň 2 gezek öňe geçen duşuşygynda paýtagtyň wekili 2-sinde hem jogap bermegi başardy. Duşuşykda «Merwiň» gollaryny 37-nji minutda Kemal Annamuhammedow bilen 73-nji minutda Mukam Nazzyýew, «Köpetdag» toparynyň gollaryny bolsa 70-nji minutda Daýanç Meredow bilen 90+1-nji minutda Orazmuhammet Işangulyýew derweze girizdi.

Wise-çempionlyk ugrunda göreş alyp barýan «Şagadam» topary öz meýdançasynda «Aşgabat» toparyny kabul edip, 2–1 hasabynda ýeňiş gazandy. Deňizýaka şäheriň kluby ýeňiş golunu 90+8-nji minutda geçirdi. Duşuşykda paýtagtyň adybir topary Pirmyrat Sultanowyň 33-nji minutda geçiren goly bilen öňe geçip, arakesmä 1–0 hasabynda üstünlikli çykdy. Ýöne ýer eýeleri Mekan Aşyrowyň 46-njy minutda geçiren goly bilen 2-nji ýarymyň başynda hasaby deňledi. Duşuşygyň 90+8-nji minutynda bolsa Ionel Kosofana tapawutlanyp, «Şagadam» toparyna wajyp 3 utuk getiren oýunçy boldy.

**TÜRKMENISTANYŇ MILLI ÇEMPIONATY**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | GOL | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | «ARKADAG» (Ç) | 22 | 22 | 0 | 0 | 89–13 | 66 |
| 2 | «ALTYN ASYR» | 22 | 12 | 4 | 6 | 38–26 | 40 |
| 3 | «ŞAGADAM» | 22 | 11 | 6 | 5 | 27–25 | 39 |
| 4 | «AHAL» | 20 | 11 | 3 | 6 | 35–20 | 36 |
| 5 | «NEBITÇI» | 21 | 6 | 5 | 10 | 16–29 | 23 |
| 6 | «AŞGABAT» | 23 | 5 | 3 | 15 | 18–48 | 18 |
| 7 | «MERW» | 22 | 2 | 6 | 14 | 11–35 | 12 |
| 8 | «KÖPETDAG» | 22 | 2 | 5 | 15 | 15–53 | 11 |

# «Altyn Asyr» topary ilkinji 2 duşuşygynda ýeňiş gazandy

**AFK-nyň Çagyryş Ligasynda çykyş edýän «Altyn Asyr» topary toparçadaky ilkinji 2 duşuşygynda ýeňiş gazandy. Duşuşyklar merkezileşdirilen görnüşde Butan döwletiniň paýtagty Thimphuda geçirilýär.**

Aragatnaşykçylar 1-nji duşuşygynda Gyrgyzystanyň çempiony «Abdyş-Ata» topary bilen duşuşdy. Duşuşyk 1–0 hasabynda ildeşlerimiziň peýdasyna tamamlandy. Oýundaky ýeke-täk goly 58-nji minutda Myrat Annaýew derweze girizdi.



Toparçadaky beýleki duşuşykda Omanyň «Al-Şabab» topary ýer eýesi ýurduň wekili «Paro» bilen duşuşdy. Bu oýun hem iň kiçi hasap bilen tamamlanyp, myhmançylykdaky topar Marknehiň 26-njy minutda 11 metrlik jerime urgusyndan geçiren goly esasynda ýeňiş gazandy.

2-nji duşuşyklarda «Altyn Asyr» topary «Paro» toparyndan 3-1 hasabynda üstün çykdy. Çekeleşikli geçen oýunda 9-njy minutda Rahman Myratberdiýew hasaby açdy. 15-nji minutda «Paro» topary Riku Içimuranyň goly bilen hasaby deňledi. Ýöne 37-nji minutda Rahman Myratberdiýew ýene bir gezek tapawutlanyp, aragatnaşykçylary öňe çykardy. 2-nji ýarymda-da Resul Röwşenmyradow 73-nji minutda oýna soňky nokady goýdy.

«Altyn Asyr» toparynyň esasy bäsdeşi «Al-Şabab» topary «Abdyş-Ata» toparyny 2-1 hasabynda ýeňip, utugyny 6-a çykardy. Duşuşykda Gyrgyzystanyň wekili 9-njy minutda Bilýiniň goly bilen öňe geçse-de, omanlylar Al-Saadi (44) hem-de Al-Gafriniň (77) gollary esasynda ýeňşini baýram etdi.

Şunlukda, 2-nji duşuşyklardan soň «Altyn Asyr» topary 6 utuk bilen sanawyň başyny çekýär. Gol aratapawudy boýunça 6 utukly «Al-Şababdan» öňe saýlanýan «Altyn Asyr» topary çärýek finalyň bosagasynda dur. Şu gün, ýagny 31-nji oktýabrda oýnaljak «Altyn Asyr» – «Al-Şabab» duşuşygynda ildeşlerimize deňlik hem ýeterlik bolar. Aşgabat wagty bilen 14:00-da başlanjak duşuşykda «Altyn Asyr» topary utulan ýagdaýynda-da 2-nji ýeri eýelän toparlaryň arasynda iň gowy netije bilen çärýek finala çykmak mümkinçiligi ýokary.

# Norris 1-nji orna beýgeldi



**Formula 1 boýunça möwsümiň 20-nji ýaryşy Meksikanyň paýtagty Mehiko Sitide geçirildi. Hermanos Rodrigesiň adyny göterýän trassada geçirilen ýaryşda 71 aýlawy «McLaren» toparynyň britan sürüjisi Lando Norris birinjilik bilen tamamlady. Ol 1 sagat 37 minut 58,574 sekuntda pellehana gelip, 5 ýaryşdan soň ýeňiş gazandy. Bu onuň şu möwsümdäki 6-njy, karýerasy boýunça-da 10-njy ýeňşidir.**

**Ýaryşda ýeňijiden 30,324 sekunt yza galan «Ferrari» toparynyň monakoly sürüjisi Şarl Lekler 2-nji, 31,049 sekunt soň pellehana gelen «Red Bull» toparynyň niderland piloty Maks Werstappen 3-nji ýeri eýeledi. «Haas» toparyndan britaniýaly Oliwer Birman 4-nji orna mynasyp boldy. Soňky gezek 15-nji ýaryşda ýeňiş gazanan «McLaren» toparynyň awstraliýaly sürüjisi Oskar Piastri 5-nji ýeri eýeledi. «Mercedes» toparynyň sürüjileri – italiýaly Kimi Antonelli bilen britaniýaly Jorj Rassell 6-7-nji ýerleri paýlaşdylar.**

**Şunlukda, möwsümiň tamamlanmagyna 4 ýaryş galanda, çempionlyk ugrunda 3 sürüjiniň arasynda ýiti göreş dowam edip, sanawyň lideri Meksika «Gran Prisinden» soň üýtgedi. Norris utugyny 357-ä ýetirip, birinji orna beýgeldi. Ondan 1 utugy az Piastri 2-nji ýerde barýar. Soňky 5 ýaryşda tijenen Werstappen utugyny 321-e ýetirip, 3-nji orny eýeleýär.**

**Möwsümiň 21-nji ýaryşy 9-njy noýabrda Braziliýanyň Sao-Paulu şäherindäki Interlagos trassasynda geçiriler.**

# TENNIS TÄZELIKLERI

Tennis boýunça Şweýsariýanyň Bazel şäherinde erkekleriň arasynda geçirilen «Swiss Indoors ATP 500» ýaryşynda braziliýaly Žoao Fonseka çempion boldy. 19 ýaşyndaky tennisçi üsti ýapyk desgada geçirilen ýaryşyň finalynda ispaniýaly Alehandro Dawidowiç Fokinany 6:3 we 6:4 hasaplar bilen ýeňip, karýerasyndaky 2-nji çempionlygyny baýram etdi. Ol şu ýylyň başynda Argentinada hem çempionlyk gazanypdy.



Awstriýanyň paýtagty Wena şäherinde erkekleriň arasynda geçirilen «Erste Bank Açyk ATP 500» tennis ýaryşynyň finalynda italiýaly Ýannik Sinner bilen germaniýaly Aleksander Zwerew duşuşdy. 1-nji setde Zwerew 6:3 hasabynda ýeňiş gazansa-da, soňky 2 setde ýeňiş italiýaly tennisçiniň tarapynda boldy. 6:3 we 7:5 hasaplar bilen 2-3-nji setde üstün çykan Sinner şu ýylky 4-nji, karýerasy boýunça-da 22-nji çempionlygyny gazandy. Ol 2023-nji ýylda hem Wenada çempion bolupdy.

Ýaponiýanyň paýtagty Tokioda zenanlaryň arasynda geçirilen «Toray Pan Pacific Açyk WTA 500» ýaryşynda şweýsariýaly Belinda Bençiç ýeňiji boldy. Ol finalda çehiýaly Linda Noskowany 6:2 we 6:3 hasaplar bilen ýeňlişe sezewar etdi. Bu onuň WTA-nyň ýaryşlaryndaky 10-njy kubogy hökmünde hasaba alyndy. Şu ýyl 3-nji gezek finalda utulan Noskowa oktýabr aýynyň başynda Pekinde geçirilen «Hytaý Açyk» ýaryşynyň finalynda-da asgyn gelip, ol şu aýda 2 kubogy elden giderdi.



Aziýanyň Uzak Gündogar sebitinde zenanlaryň arasynda tennis ýaryşlary dowam edýär. Sentýabr aýyndan bäri Hytaýyň Şençžen, Pekin, Uhan, Ningbo şäherlerinde guralan bäsleşiklerden soň Guançžou şäherinde geçirilen «Açyk WTA 250» ýaryşynda amerikaly Ann Li çempion boldy. Asly hytaýly Ann Li finalda täze zelandiýaly Lulu Sundan 2 setde (7:6, 6:2) üstün çykyp, karýerasy boýunça 2-nji çempionlygyny gazandy.




**31-nji oktýabr (anna)**

Augsburg – Borussiýa D (00:30)

**1-nji noýabr (şenbe)**

Leipsig – Ştutgart (19:30)
Börnli – Arsenal (20:00)
N. Forest – M. Ýunaýted (20:00)
Atletiko – Sewilýa (20:15)
PSŽ – Nissa (21:00)
**Galatasaraý – Trabzonspor (22:00)**
**Napoli – Komo (22:00)**
**Zenit – Lokomotiw (22:15)**
**Tottenham – Çelsi (22:30)**
**Bawariýa – Baýer (22:30)**
R. Sosiedad – Atletik (22:30)
Kremoneze – Ýuwentus (00:45)
**Liwerpul – Aston Willa (01:00)**
**Real Madrid – Walensiýa (01:00)**

**2-nji noýabr (ýekşenbe)**

Werona – Inter (16:30)
West Ham – Nýukasl (19:00)
**Man. Siti – Bornmut (21:30)**
**Krasnodar – Spartak (21:30)**
**Beşiktaş – Fenerbahçe (22:00)**
**Barselona – Elçe (22:30)**
**Milan – Roma (00:45)**
Braga – Porto (01:30)

# «Arsenal» arany açýar

Angliýanyň çempionatynda soňky çempion «Liwerpul» bassyr 4-nji gezek ýeňlişe sezewar boldy. Myhmançylykda «Brentford» bilen duşuşan «Liwerpul» 3–2 hasabynda asgyn geldi. Duşuşykda ýer eýeleriniň gollaryny Uattara, Şade hem-de Tiago geçirip, Kerkez hem-de Salahyň gollary myhmanlara ýeňiş üçin ýeterlik bolmady. Sanawyň lideri «Arsenal» iň kiçi hasap bilen London derbisinde «Kristal Palasy» ýeňip, ýeke-täk goly Ebereçi Eze ozalky toparynyň derwezesinden girizdi. «Çelsiniň» öz meýdançasynda «Sanderlanddan» 2–1 hasabynda utulan tapgyrynda «Mançester Ýunaýted» Amorimiň tälimçiliginde ilkinji gezek yzly-yzyna 3-nji oýnunda ýeňşini baýram etdi. Öz meýdançasynda «Braýtony» 4–2 hasabynda ýeňen «Mançester Ýunaýtediň» gollaryny Kunýa, Kazemiro hem-de Mbeumo (2) geçirdi. «Mançester Siti» bolsa myhmançylykda «Aston Willadan» 1–0 hasabynda asgyn gelip, 5 oýundan soň utuldy. Birmingemlilere 3 utuk gazandyran ýeke-täk goly 19-njy minutda Metti Keş öz adyna ýazdyrdy. «Tottenham» myhmançylykda «Ewertony» Wan de Weniň (2) hem-de Sarryň gollary bilen 3–0 hasabynda utdy. Şon Daýçy tälimçilige bellän «Nottingam Forest» topary myhmançylykda «Bornmutdan» 2–0 hasabynda asgyn geldi.





# «Kairat» çempionlygyny gorady

Gazagystanyň çempionatynda çempion möwsümiň iň soňky tapgyrynda belli boldy. 1-2-nji orunlarda barýan «Kairat» bilen «Astananyň» arasyndaky duşuşyk çempiony kesgitledi. Çekeleşikli geçen oýun 1-1 hasabynda deňlikde tamamlandy. 15-nji minutda Tomasowyň goly bilen öňe geçen paýtagtlylara ozalky paýtagtlylar 56-njy minutda Satpaýewiň takyk urgusy esasynda jogap berdi. Şunlukda, bu deňme-deňlik lider «Kairatyň» çempionlygy üçin ýeterlik boldy. Aratapawudy saklan «Kairat» möwsümi 59 utuk bilen tamamlady. Ondan 2 utugy az «Astana» çempionatda 2-nji, şol sanda 54 utukly «Tobol» 3-nji orny eýeledi. «Kairat» topary Gazagystanyň «Premýer Ligasynda» bassyr 2-nji, umumylykda 5-nji gezek çempion bolmagy başardy. Almaty şäheriniň kluby mundan öň 1992-nji, 2004-nji, 2020-nji we 2024-nji ýyllarda çempionlyk gazanypdy.



Gazagystanyň çempionatynda iň köp çempionlyk gazanan topar «Astana» kluby bolup, olaryň 7 çempionlygy bar. 3 topar – häzirki wagtda 2-nji ligada bolan «Irtyş» (Pawlador), «Kairat» (Almaty) hem-de «Aktobe» (Aktobe) klublary-da 5 gezek çempion diýen ady eýelediler. 34 möwsümi tamamlanan çempionatda ozalky «Spartak» ýa-da häzirki «Ýelimaý» (Semeý) bilen «Ženis» (Astana) 3, «Tobol» (Kostanaý) bilen «Şahtýor» (Karaganda) 2, «Taraz» (Taraz) bilenem «Ordabasy» (Çimkent) 1 gezek çempion bolmagy başardy.

# «REAL» 5 OÝUNDAN SOŇ «BARSELONADAN» ÜSTÜN ÇYKDY



Ispaniýanyň çempionatynda futbol janköýerleriniň sabyrsyzlyk bilen garaşan duşuşygy, «El Klasikoda» ýer eýeleri «Real Madrid» topary ýeňiş gazandy. Çekeleşikli we dartgynly geçen oýunda madridlileriň 3 golyda ofsaýt sebäpli, hasaba alynmady. Şol sanda Mbappe 11 metrlik jerime urgusyndan hem ýerlikli peýdalanyp bilmedi (52-nji minut). 2–1 hasabynda ýeňiş gazanan «Real Madridiň» gollaryny 22-nji minutda Mbappe, 43-nji minutda Jud Bellingam geçirdi. Katalonlaryň ýeke-täk goluny bolsa 38-nji minutda Fermin Lopez öz adyna ýazdyrdy. Duşuşygyň 90+10-njy minutynda «Barselonadan» Pedri gyzyl kart aldy. Şeýle-de, oýnuň ahyrynda ýüze çykan dartgynlylykdan soň «Realyň» ätiýaçdaky derwezeçisi Lunine hem gyzyl, 2 tarapdanam birnäçe futbolça-da sary kart görkezildi. Bu ýeňişden soň lider «Real Madrid» 2-nji ýerdäki «Barselonadan» 5 utuk öňe saýlandy. Şeýle-de, resmi oýunlarda «Real Madrid» «Barselonany» 106-njy gezek ýeňlişe sezewar etdi («Barselonanyň» 104 ýeňşi bar). «Real Madrid» 5 oýundan soň «Barselonany» ýeňmegi başardy.

Madridiň «Atletikosy» myhmançylykda «Betisi» Simeone hem-de Baenanyň gollary bilen 2-0 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. Ýer eýelerinden Budemiriň 2 gol geçirip, 11 metrlik jerime urgusyndan peýdalanyp bilmedik oýnunda «Selta» myhmançylykda «Osasunadan» 3-2 hasabynda üstün çykdy we möwsümdäki ilkinji ýeňşini gazandy. Myhmançylykda «Walensiýany» Moreno (45 p) hem-de Komesaniýanyň (57) gollary bilen 2–0 hasabynda ýeňen «Wilýarreal» 3-nji ýerdäki ornuny saklamagyny dowam edýär.



**PREMIER LEAGUE (9) – 32 gol**

**Lids—West Ham: 2–1** (Eronson 3, Rodon 15 — Fernandeş 90), **Nýukasl—Fulham: 2–1** (Mörfi 18, Gimaraýns 90 — Lukiç 56), **Çelsi—Sanderland: 1–2** (Garnaço 4 — Izidor 22, Talbi 90+3), **M. Ýunaýted—Braýton: 4–2** (Kunýa 24, Kazemiro 34, Mbeumo 61, 90+7 — Welbek 74, Kostulas 90+2), **Brentford—Liwerpul: 3–2** (Uattara 5, Şade 45, Tiago 60 p — Kerkez 45+5, Salah 89), **Arsenal—K. Palas: 1–0** (Eze 39), **A. Willa—Man. Siti: 1–0** (Keş 19), **Bornmut—N. Forest: 2–0** (Tawernie 25, Krupi 40), **Wulwerhempton—Börnli: 2–3** (Strand Larsen 42 p, Munetsi 45+2 — Flemming 14, 30, Foster 90+5), **Ewerton—Tottenham: 0–3** (Wan de Wen 19, 45+6, Sarr 89)

**LA LIGA (10) – 26 gol**

**R. Sosiedad—Sewilýa: 2–1** (Oýarzabal 19 p, 36 — Gudel 30), **Žirona—Owiedo: 3–3** (Stuani 64 p, 90 p, Unai 83 — Winias 38 p, Rondon 57, Karmu 90+7), **Espanýol—Elçe: 1–0** (Romero 47), **Atletik—Hetafe: 0–1** (Maýoral 75), **Walensiýa—Wilýarreal: 0–2** (Moreno 45 p, Komesaniýa 57), **Malýorka—Lewante: 1–1** (Maffeo 79 – Eýong 22), **Real Madrid—Barselona: 2–1** (Mbappe 22, Bellingam 43 – Fermin Lopez 38), **Osasuna—Selta: 2–3** (Budimir 37 p, 45+1 — Jutgla 26, 69, Duran 88), **R. Wallekano—Alawes: 1–0** (Alemao 90+1), **Betis—Atletiko: 0–2** (Simeone 3, Baena 45+1)

**SERIE A (9) – 19 gol**

**Leççe—Napoli: 0–1** (Zambo-Angissa 69), **Atalanta—Milan: 1–1** (Lukman 35 – Riççi 4), **Komo—Werona: 3–1** (Duwikas 9, Poş 62, Woýwoda 90+2 — Serdar 25), **Roma—Parma: 2–1** (Hermoso 62, Dowbyk 81 — Çirkati 86), **Ýuwentus—Udineze: 3–1** (Wlahowiç 5 p, Gatti 67, Ýyldyz 90+6 p — Zaniolo 45+1), **Jenoa—Kremoneze: 0–2** (Bonazzolli 3, 49), **Bolonýa—Torino: 0–0, Inter—Fiorentina: 3–0** (Çalhanoglu 66, 88 p, Suçiç 71), **Kaliari—Sassuolo, Pisa—Lasio**

**BUNDESLIGA (8) – 23 gol**

**Werder—Union Berlin: 1–0** (Grüll 72), **Hoffenhaým—Haýdenhaým: 3–1** (Asllani 18, Lemperle 45+2, Kramariç 63 — Şimmer 75), **Hamburg—Wolfsburg: 0–1** (Dagim 15), **Borussiýa M—Bawariýa: 0–3** (Kimmih 64, Gerreýro 70, Karl 81), **Augsburg—Leipsig: 0–6** (Diomande 10, Romulo 18, Nusa 22, Baumgartner 38, Uedraogo 56, Lukebakio 65), **Aýntraht—Sankt-Pauli: 2–0** (Burkardt 36, 56), **Borussiýa D—Köln: 1–0** (Baýer 90+6), **Baýer—Fraýburg: 2–0** (Poku 22, Tapsoba 52), **Ştutgart—Maýns: 2–1** (Fürih 45+4, Undaw 79 — Amiri 41 p)

**LIGUE 1 (10) – 32 gol**

**Nissa—Lill: 2–0** (Diop 29 p, Ýansson 88), **Mets—Lans: 2–0** (Eýn 85 p, 90+1), **Loriýan—PSŽ: 1–1** (Silwa 51 — Mendeş 49), **Le Hawr—Brest: 1–0** (Sangante 73), **Pariž—Lion: 3–3** (Kamala 65, Kebbal 77, Marçetti 84 — Tolisso 5, Şuls 51, 58), **Tuluza—Renn: 2–2** (Kresswell 58, Dennum 83 p — Lepol 50, Al-Tamari 54), **Strasbur—Oser: 3–0** (Paniçelli 46, Nanasi 55, Barko 61), **Nant—Monako: 3–5** (Girassi 19, 45+6, Mohamed 80 — Kulibali 6, Balogan 41, Akliuş 55, Golowin 75, 90+4), **Marsel—Anže: 2–2** (Waž 52, 70 — Şerif 25, Kamara 90+6)

**ANGLIÝANYŇ ÇEMPIONATY /PREMIER LEAGUE/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | ARSENAL | 9 | 7 | 1 | 1 | 16-3 | 22 |
| 2 | BORNMUT | 9 | 5 | 3 | 1 | 16-11 | 18 |
| 3 | TOTTENHAM | 9 | 5 | 2 | 2 | 17-7 | 17 |
| 4 | SANDERLAND | 9 | 5 | 2 | 2 | 11-7 | 17 |
| 5 | MAN. SITI | 9 | 5 | 1 | 3 | 17-7 | 16 |
| 6 | M. ÝUNAÝTED | 9 | 5 | 1 | 3 | 15-14 | 16 |
| 7 | LIWERPUL | 9 | 5 | 0 | 4 | 16-14 | 15 |
| 8 | ASTON WILLA | 9 | 4 | 3 | 2 | 9-8 | 15 |
| 9 | ÇELSI | 9 | 4 | 2 | 3 | 17-11 | 14 |
| 10 | KRISTAL PALAS | 9 | 3 | 4 | 2 | 12-9 | 13 |
| 11 | BRENTFORD | 9 | 4 | 1 | 4 | 14-14 | 13 |
| 12 | NÝUKASL | 9 | 3 | 3 | 3 | 9-8 | 12 |
| 13 | BRAÝTON | 9 | 3 | 3 | 3 | 14-15 | 12 |
| 14 | EWERTON | 9 | 3 | 2 | 4 | 9-12 | 11 |
| 15 | LIDS | 9 | 3 | 2 | 4 | 9-14 | 11 |
| 16 | BÖRNLI | 9 | 3 | 1 | 5 | 12-17 | 10 |
| 17 | FULHAM | 9 | 2 | 2 | 5 | 9-14 | 8 |
| 18 | N. FOREST | 9 | 1 | 2 | 6 | 5-17 | 5 |
| 19 | WEST HAM | 9 | 1 | 1 | 7 | 7-20 | 4 |
| 20 | W. HEMPTON | 9 | 0 | 2 | 7 | 7-19 | 2 |

**ISPANIÝANYŇ ÇEMPIONATY /LA LIGA/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | REAL MADRID | 10 | 9 | 0 | 1 | 22-10 | 27 |
| 2 | BARSELONA | 10 | 7 | 1 | 2 | 25-12 | 22 |
| 3 | WILÝARREAL | 10 | 6 | 2 | 2 | 18-10 | 20 |
| 4 | ATLETIKO M | 10 | 5 | 4 | 1 | 18-10 | 19 |
| 5 | ESPANÝOL | 10 | 5 | 3 | 2 | 14-11 | 18 |
| 6 | BETIS | 10 | 4 | 4 | 2 | 15-12 | 16 |
| 7 | R. WALLEKANO | 10 | 4 | 2 | 4 | 12-10 | 14 |
| 8 | ELÇE | 10 | 3 | 5 | 2 | 11-10 | 14 |
| 9 | ATLETIK B | 10 | 4 | 2 | 4 | 9-10 | 14 |
| 10 | HETAFE | 10 | 4 | 2 | 4 | 10-12 | 14 |
| 11 | SEWILÝA | 10 | 4 | 1 | 5 | 17-16 | 13 |
| 12 | ALAWES | 10 | 3 | 3 | 4 | 9-9 | 12 |
| 13 | SELTA | 10 | 1 | 7 | 2 | 11-13 | 10 |
| 14 | OSASUNA | 10 | 3 | 1 | 6 | 9-12 | 10 |
| 15 | LEWANTE | 10 | 2 | 3 | 5 | 14-18 | 9 |
| 16 | MALÝORKA | 10 | 2 | 3 | 5 | 11-15 | 9 |
| 17 | R. SOSIEDAD | 10 | 2 | 3 | 5 | 10-14 | 9 |
| 18 | WALENSIÝA | 10 | 2 | 3 | 5 | 10-16 | 9 |
| 19 | OWIEDO | 10 | 2 | 1 | 7 | 7-19 | 7 |
| 20 | ŽIRONA | 10 | 1 | 4 | 5 | 9-22 | 7 |

**ITALIÝANYŇ ÇEMPIONATY /SERIE A/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | NAPOLI | 9 | 7 | 0 | 2 | 16-8 | 21 |
| 2 | ROMA | 9 | 7 | 0 | 2 | 10-4 | 21 |
| 3 | INTER | 9 | 6 | 0 | 3 | 22-11 | 18 |
| 4 | MILAN | 9 | 5 | 3 | 1 | 14-7 | 18 |
| 5 | KOMO | 9 | 4 | 4 | 1 | 12-6 | 16 |
| 6 | BOLONÝA | 9 | 4 | 3 | 2 | 13-7 | 15 |
| 7 | ÝUWENTUS | 9 | 4 | 3 | 2 | 12-9 | 15 |
| 8 | KREMONEZE | 9 | 3 | 5 | 1 | 11-10 | 14 |
| 9 | ATALANTA | 9 | 2 | 7 | 0 | 13-7 | 13 |
| 10 | UDINEZE | 9 | 3 | 3 | 3 | 11-15 | 12 |
| 11 | TORINO | 9 | 3 | 3 | 3 | 8-14 | 12 |
| 12 | LASIO | 8 | 3 | 2 | 3 | 11-7 | 11 |
| 13 | SASSUOLO | 8 | 3 | 1 | 4 | 8-9 | 10 |
| 14 | KALIARI | 8 | 2 | 3 | 3 | 8-10 | 9 |
| 15 | PARMA | 9 | 1 | 4 | 4 | 4-9 | 7 |
| 16 | LEÇÇE | 9 | 1 | 3 | 5 | 7-14 | 6 |
| 17 | WERONA | 9 | 0 | 5 | 4 | 5-14 | 5 |
| 18 | PISA | 8 | 0 | 4 | 4 | 5-12 | 4 |
| 19 | FIORENTINA | 9 | 0 | 4 | 5 | 7-15 | 4 |
| 20 | JENOA | 9 | 0 | 3 | 6 | 4-13 | 3 |

**GERMANIÝANYŇ ÇEMPIONATY /BUNDESLIGA/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | BAWARIÝA | 8 | 8 | 0 | 0 | 30-4 | 24 |
| 2 | LEIPSIG | 8 | 6 | 1 | 1 | 16-9 | 19 |
| 3 | ŞTUTGART | 8 | 6 | 0 | 2 | 13-7 | 18 |
| 4 | BORUSSIÝA D | 8 | 5 | 2 | 1 | 14-6 | 17 |
| 5 | BAÝER | 8 | 5 | 2 | 1 | 18-11 | 17 |
| 6 | AÝNTRAHT | 8 | 4 | 1 | 3 | 21-18 | 13 |
| 7 | HOFFENHAÝM | 8 | 4 | 1 | 3 | 15-13 | 13 |
| 8 | KÖLN | 8 | 3 | 2 | 3 | 12--11 | 11 |
| 9 | WERDER | 8 | 3 | 2 | 3 | 12--16 | 11 |
| 10 | UNION BERLIN | 8 | 3 | 1 | 4 | 11--15 | 10 |
| 11 | FRAÝBURG | 8 | 2 | 3 | 3 | 11--13 | 9 |
| 12 | WOLFSBURG | 8 | 2 | 2 | 4 | 9--13 | 8 |
| 13 | HAMBURG | 8 | 2 | 2 | 4 | 7--11 | 8 |
| 14 | SANKT-PAULI | 8 | 2 | 1 | 5 | 8--14 | 7 |
| 15 | AUGSBURG | 8 | 2 | 1 | 5 | 12--20 | 7 |
| 16 | MAÝNS | 8 | 1 | 1 | 6 | 9--16 | 4 |
| 17 | HAÝDENHAÝM | 8 | 1 | 1 | 6 | 7--16 | 4 |
| 18 | BORUSSIÝA M | 8 | 0 | 3 | 5 | 6--18 | 3 |

**FRANSIÝANYŇ ÇEMPIONATY /LIGUE 1/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | PSŽ | 10 | 6 | 3 | 1 | 20-9 | 21 |
| 2 | MONAKO | 10 | 6 | 2 | 2 | 23-16 | 20 |
| 3 | MARSEL | 10 | 6 | 1 | 3 | 24-11 | 19 |
| 4 | STRASBUR | 10 | 6 | 1 | 3 | 21-12 | 19 |
| 5 | LION | 10 | 6 | 1 | 3 | 16-12 | 19 |
| 6 | LANS | 10 | 6 | 1 | 3 | 14-10 | 19 |
| 7 | LILL | 10 | 5 | 2 | 3 | 22-13 | 17 |
| 8 | NISSA | 10 | 5 | 2 | 3 | 16-15 | 17 |
| 9 | TULUZA | 10 | 4 | 2 | 4 | 17-15 | 14 |
| 10 | RENN | 10 | 2 | 6 | 2 | 14-16 | 12 |
| 11 | LE HAWR | 10 | 3 | 3 | 4 | 12--16 | 12 |
| 12 | PARIŽ | 10 | 3 | 2 | 5 | 17-20 | 11 |
| 13 | ANŽE | 10 | 2 | 4 | 4 | 8--14 | 10 |
| 14 | BREST | 10 | 2 | 3 | 5 | 14-18 | 9 |
| 15 | NANT | 10 | 2 | 3 | 5 | 10--15 | 9 |
| 16 | LORIÝAN | 10 | 2 | 3 | 5 | 13-22 | 9 |
| 17 | OSER | 10 | 2 | 1 | 7 | 7--16 | 7 |
| 18 | METS | 10 | 1 | 2 | 7 | 8--26 | 5 |

**Iň köp pökgi geçirenler:** (Premier League)

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Erling HOLANN (Mançester Siti) | 11 |
| 2 | Antuan SEMENÝO (Bornmut) | 6 |
| 3 | Igor TIAGO (Brentford) | 6 |
| 4 | Žan-Filipp MATETA (K. Palas) | 5 |
| 5 | Danni WELBEK (Braýton) | 5 |

**Iň köp pökgi geçirenler:** (La Liga)

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Kilian MBAPPE (Real Madrid) | 11 |
| 2 | Hulian ALWARES (Atletiko) | 6 |
| 3 | Etta EÝONG (Lewante) | 6 |
| 4 | Winisius JUNIOR (Real Madrid) | 5 |
| 5 | Wedad MURIKI (Malýorka) | 5 |

**Iň köp pökgi geçirenler:** (Serie A)

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Rikkardo ORSOLINI (Bolonýa) | 5 |
| 2 | Hakan ÇALHANOGLU (Inter) | 5 |
| 3 | Niko PAS (Komo) | 4 |
| 4 | Kewin DE BRUÝNE (Napoli) | 4 |
| 5 | Kristian PULIŞIÇ (Milan) | 4 |

**Iň köp pökgi geçirenler:** (Bundesliga)

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Harri KEÝN (Bawariýa) | 12 |
| 2 | Jonatan BURKARDT (Aýntraht) | 6 |
| 3 | Luiz DIAZ (Bawariýa) | 5 |
| 4 | Fisnik ASSLANI (Hoffenhaým) | 5 |
| 5 | Jan UZUN (Aýntraht) | 5 |

**Iň köp pökgi geçirenler:** (Ligue 1)

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Hoakin PANIÇELLI (Strasbur) | 9 |
| 2 | Meýson GRINWUD (Marsel) | 7 |
| 3 | Sofýan DIOP (Nissa) | 6 |
| 4 | Ilan KEBBAL (Pariž) | 5 |
| 5 | Esteban LEPOL (Renn) | 5 |

# «Bawariýa» «Milanyň» rekordyny täzeledi

**Germaniýanyň çempionatynda** sanawyň lideri «Bawariýanyň» ýeňişli ýörişi dowam edýär. Myhmançylykda «Borussiýa M» toparyny Kimmih, Gerreýro hem-de Karlyň 2-nji ýarymda geçiren gollary esasynda 3–0 hasabynda ýeňen «Bawariýa» yzly-yzyna 13-nji ýeňşini gazandy. Duşuşygyň 19-njy minutynda ýer eýelerinden Kastrop gyzyl kart alyp, Şteger 75-nji minutda 11 metrlik jerime urgusyny dürs urup bilmedi. «Bawariýa» ähli ýaryşlary hasaba alanyňda bassyr 13 oýunda ýeňiş gazanmak bilen «Milanyň» 1992/93 möwsüminde goýan yklym rekordyna şärik boldy. 2-nji ýerdäki «Leipsig» myhmançylykda «Augsburgyň» derwezesinden jogapsyz 6 gol girizdi.



Germaniýanyň Kubok ýaryşynda 2-nji tapgyrda «Bawariýa» myhmançylykda «Kölnden» 4–1 hasabynda üstün çykyp, «Milanyň» rekordyny özüne geçirdi. Bu olaryň bassyr 14-nji ýeňşi bolup, münhenlilerden öň başga hiç bir topar möwsümiň başdaky 14 oýnunda ýeňiş gazanyp görmändi. Bu duşuşykda «Bawariýanyň» gollaryny Luiz Diaz, Keýn (2) hem-de Olise geçirdi.

**Fransiýanyň çempionatynda** sanawyň lideri PSŽ 9-njy tapgyrda «Bresti» 3–0 hasabynda ýeňip, 10-njy tapgyrda «Loriýan» bilen deňme-deň oýnady (1–1). «Lion» topary 9-njy tapgyrda öz meýdançasynda «Strasbury» 2–1 hasabynda ýeňip, 10-njy tapgyrda myhmançylykda «Pariž» bilen duşuşdy. Tolisso hem-de Şulsuň (2) gollary bilen 3–0 hasabynda öňe geçen «Lion» bu üstünligini saklap bilmedi. Çempionatyň täze wekili soňky 25 minutda Kamala, Kebbal hem-de Marçettiniň gollary bilen hasaby deňlemegi başardy. 60-njy minutdan soň 2 topardan hem bir oýunçy gyzyl kart aldy. 9-njy tapgyrda myhmançylykda «Lansdan» 2–1 hasabynda asgyn gelen «Marsel» topary 10-njy tapgyrda ýeňşi soňky minutlarda elden giderdi. Öz meýdançasynda «Anže» bilen duşuşan «Marsel» Wažyň gollary esasynda 2–1 hasabynda öňde barýarka, 90+6-njy minutda Kamaranyň takyk urgusyna alaç tapyp bilmedi. 10-njy tapgyryň iň çekeleşikli we iň köp golly oýny «Nant» bilen «Monakonyň» arasynda bolup, myhmanlar 5–3 hasabynda ýeňşini baýram etdi. «Monako» 9-njy tapgyrda «Tuluzany» 1-0 hasabynda utupdy.

**Italiýanyň çempionatynda** soňky 7 günüň dowamynda 8-9-njy tapgyrlaryň oýunlary oýnaldy. «Napoli» 8-nji tapgyrda «Interi» 3–1 (De Bruýne 33 p, MakTomineý 54, Zambo-Angissa 66 – Çalhanoglu 59 p), 9-njy tapgyrda-da myhmançylykda «Leççeni» 1–0 hasaplar bilen ýeňip, 1-nji orna beýgeldi. «Interiň» derwezesinden 11 metrlik jerime urgusyndan gol salan De Bruýne şikes alyp, meýdançany terk etdi. «Pisa» bilen öz meýdançasynda (2–2), «Atalanta» bilenem myhmançylykda (1–1) deňme-deň oýnan «Milan» 4-nji orna düşdi. 8-nji tapgyrda «Lasiodan» 1–0 hasabynda asgyn gelen «Ýuwentus» toparynda tälimçi Igor Tudor wezipesinden boşadyldy. «Ýuwentus» 9-njy tapgyrda «Udinezeni» 3–1 hasabynda ýeňdi. Bu olaryň çempionatda 5, umumylykda bolsa 8 oýundan soň ilkinji ýeňşi hökmünde hasaba alyndy. 2-nji ýerdäki «Roma» ilki «Sassuolony» 1–0, soňra «Parmany» 2–1 hasaplar bilen ýeňlişe sezewar etdi.

Gazetimiziň hepdelik elektron nusgasyny «zamanturkmenistan.com.tm», «metbugat.gov.tm», «turkmenmetbugat.gov.tm» internet saýtlaryndan hem-de «Türkmenmetbugat» mobil goşundysyndan okap bilersiňiz!

Sahypany taýýarlan Hajymyrat SÖÝÜNOW.

# Kiçeňräk şäherçäniň toparyndan ullakan ýeňiş

Baltika deňziniň kenarynda ýerleşýän Şwesiýanyň Hellewik şäherçesi häzirki wagtda hemmäniň üns merkezinde. Ilaty 1,5 müňe hem ýetmeýän şäherçe mundan öň balykçylyk pudagy bilen bellidi. Ýöne häzirki wagtda şäherçe futbol kluby alan klub uzak ýyllap, hiç kimiň ünsüni çekmän aşaky ligalarda çykyş edýär. 1980-nji ýyllaryň başynda iň ýokary liga çyksa-da, bu ýerde uzak galmak başartmaýar. 1985-nji ýylda aşaky liga düşen toparyň täzeden «Allsvenskan»-a çykmagy üçin çärýek asyr gerek bolýar. Topar 2009-njy ýylda Şwesiýanyň iň ýokary ligasyna dolanyp, 5 ýyllyk göreşden soň ýene-de aşaky ligalarda oýnap başlaýar. 2016-njy ýylda klub maliýe babatda kynçylyk çekýär. Ýöne ýerli işewür Magnus Emeusyň tagallasynyň netijesinde klub şol kynçylygy ýeňip geçýär.



bilenem meşhurlyk gazanyp başlady. «Mýallbýu AIF» toparynyň Şwesiýanyň çempionaty «Allsvenskan»-da ilkinji gezek çempionlyk gazanmagy şäherçäniň abraýyny arşa galdyrdy.

Çempionatyň 27-nji tapgyrynda ýurduň öňdebaryjy toparlaryndan «Gýoteborgy» 2–0 hasabynda ýeňip, taryhy çempionlyk gazanan «Mýallbýu» topary 20 oýundan bäri ýeňilmän gelýär. Çempionat ýene-de 2 tapgyrdan soň tamamlanar. Şol galan 2 oýunda-da topar ýeňilmese, onda olar çempionaty 1 ýeňliş bilen tamamlar. Bilşiňiz ýaly, Şwesiýanyň çempionaty kalendar senenamasy boýunça bir ýylyň dowamynda geçirilýär. Mysal üçin, şu ýyl çempionatyň 101-nji möwsümi bolup, ol şu ýylyň martynda başlady we noýabr aýynyň ilkinji on günlüginde-de tamamlanar. Ýagny çempionat gyşda geçirilmeýär. Ýewropada çempionatlary gyşda geçirilmeýän 6–7 sany ýurt bolup, şolaryň biri-de Şwesiýadyr.

Ilatynyň agramly bölegi balykçylyk bilen meşgullanýan kiçeňräk şäherçäniň bu kluby 1939-njy ýylyň 1-nji aprelinde esaslandyrylýar. Şäherçe ýurduň 25 welaýatynyň biri bolan Günorta Şwesiýada ýerleşýän Blekinge welaýatynyň çägindedir. Iki toparyň birleşmegi bilen «Mýallbýu AIF» adyny



Toparyň tälimçisi Anders Torstensson: — Hiç hili bergisiz, ygtybarly ädimler bilen öňe ýöredik. Biz, esasan, oýunçylarymyzy ýaşlykdan türgenleşdirip, olary özümiz kemala getirdik. Netijede, taryhy ýeňşe ýetmek bize başartdy — diýip, belläp geçýär. 2015-nji ýylda 2-nji ligadan aşaky liga düşen topar bu ýerde 3 möwsüm çykyş edýär. 2019-njy ýylda 2-nji liga, 2020-nji ýylda bolsa ýokary liga gaýdyp gelýär.



Toparyň tejribeli ýarymgoragçylaryndan Wiktor Gustafson klubuň ýeten taryhy sepgidi bilen baglanyşykly: — Hakykatdanam şeýledigine ynanmak kyn. Irden turanymda sanawa gaýta-gaýta seredip, öz-özüme bu bir düýş diýýärdim — diýip, gürrüň berýär. Gustafson 2018-nji ýylda klubuň düzümine goşulanda, topar 3-nji ligada çykyş edýärdi. Ol: — Şol döwürlerde çempionlyg-a aňyrda dursun, 2-nji liga çykmagam ýetdirmeýän arzuwdy. Men topara gelenimde 3-nji ligadadyk, maksadymyz 2-nji liga çykmakdy. Indi bolsa çempion. Kimiň kellesine gelerdi — diýip, Gustafsonyň özi hem çempionlyga geň galýar.

2023-nji ýylda klub ýurduň kubok ýaryşynyň finalyna çykyp, uly başarnyk görkezýär. Finalda «BK Haken» toparyndan asgyn gelse-de, bu üstünligi geljekki çempionlygyň buşlukçysy hökmünde görýänler hem bolýar.

Topar ýerli duşuşyklaryny Baltika deňzini etekläp oturan «Strandvallen» stadionynda geçirýär. 7 müň 500 orunlyk stadionda toparynyň ähli duşuşyklaryna tomaşa edýän janköýerlerden Herman Oleander öz kluby barada: — Bu ýerde ýaşaýanlaryň ählisi bilelikde ulaldy. Topardaky ähli futbolçylary gowy tanaýarys. Köpüsi biziň ýakynlarymyz bolup durýar. Biz bu başarnyga bilelikde ýetdik. Şäherçämiz üçin iň uly waka we munuň şaýady bolmak biziň üçin ullakan bagt, begenjimiziň çägi ýok – diýip, gürrüň berýär.

Taryhy çempionlyk gazanan klubuň futbolçylarynyň transfer bazaryndaky umumy gymmaty 16 million ýewro deň. Toparyň iň gymmatly futbolçysy gambiýaly Abdulie Manneh bolup, onuň transfer bazaryndaky bahasy 2 million ýewrodyr. Topar geçen tomusda oýunçy transferine 1,1 million ýewro harçlap, klubdan ugradan futbolçylaryndanam 3 million ýewro gazandy. Manneh bilen bir hatarda, Herman Ýohansson, Elliot Stroud ýaly futbolçylar geçiren gollary hem-de eden asistleri bilen çempionlyga uly goşant goşýarlar.

Şol bir wagtyň özünde mekdepde ýolbaşçylyk hem edýän toparyň tälimçisi Torstensson klubuň çempionlygynyň şwed futbolynyň taryhyndaky iň uly garaşylmadyk netijesi diýip belleýär. Ol: — Aslynda, oýundan soň metbugat ýygnagyny geçirmek üçin ibaly ýerimiz, üsti ýapyk desgamyz hem ýok. Ýöne biziň iň uly desgamyz şu ýerde — diýip, beren interwýusynda ýüregini görkezýär.

«Mýallbýu» toparynyň köne bäsdeşi golaý şäherleriň biri bolan Kalmar şäheriniň adybir topary hasaplanýar. «Mýallbýu» topary bilen «Kalmar FF» toparynyň arasyndaky duşuşyklara Günorta kenar derbisi hem diýilýär. Ýöne soňky ýyllarda «Mýallbýu» ýurduň beýleki öňdebaryjy toparlaryndan «Malmö», «Gýoteborg» hem-de AIK klublary bilen bäsdeşligi ýokarlanýar.

Sary-gara reňkli köýnekçede çykyş edýän «Mýallbýu» topary geljek möwsümde UEFA Çempionlar Ligasyna 2-nji saýlama tapgyrdan başlap gatnaşar. Ýagny öňündäki 3 topary ýeňen ýagdaýynda läheňleriň ligasynda çykyş eder.







# «Liwerpula» ýeňlişleriň öňüni almak başardanok

Angliýanyň Liga Kubogy (EFL Cup) ýaryşynda 1/8 finalyň duşuşyklary geçirildi. Tapgyryň iň geň galdyryjy netijesi «Anfield» stadionynda hasaba alyndy. Ýerli «Liwerpul» ýurduň çägindäki şowsuz ýörişini dowam etdirip, öz



meýdançasynda «Kristal Palasdan» 3–0 hasabynda asgyn geldi. London şäheriniň wekilini çärýek finala çykaran gollary Sarr (41, 45) bilen Pino (88) geçirdi. «Arsenal» öz meýdançasynda «Braýtony» (Nwaneri 57, Saka 76), «Nýukasl» hem «Tottenhamy» (Şer 24, Woltemade 50) 2–0 hasabynda utdy. «Mançester Siti» myhmançylykda «Swansi Siti» toparyndan ýer eýeleriniň öňe geçendigine garamazdan, Doku (39), Marmuş (77) hem-de Şerkiniň (90+4) gollary bilen 3–1 hasabynda üstün çykdy. 7 goluň geçirilen oýnunda «Çelsi» myhmançylykda «Wulwerhemptony» 4–3 hasabynda ýeňdi. «Çelsiniň» geçiren gollarynyň 4-sini hem ýaş futbolçylar öz atlaryna ýazdyrdylar (Arokodare 48, Wolfe 73, 90+1 — Santos 5, Jorj 15, Estewao 41, Gittens 89).





«Brentford» topary 4-nji liganyň wekili «Grimsbi Tawn» toparynyň derwezesinden jogapsyz 5 gol geçirdi. Gollary Ýensen (22), Lewis-Potter (26), Nelson (43), Karwalýo (54 p) hem-de Kollins (75) derwezä girizdi. «Fulham» myhmançylykda «Wikom Wanderers» topary bilen esasy wagty 1–1 hasabynda deňlikde tamamlanan oýunda 11 metrlik jerime urgularyň netijesinde ýeňiş gazandy (4-5). 2-nji ligada çykyş edýän «Reksam» toparyny 2–1 hasabynda ýeňen «Kardiff Siti» topary çärýek finaldaky «Premier Liganyň» kluby bolmadyk ýeke-täk topar boldy.

Çärýek finalda «Arsenal» — «Kristal Palas», «Kardiff Siti» — «Çelsi», «Mançester Siti» — «Brentford», «Nýukasl» — «Fulham» duşuşyklary geçiriler. Çärýek finalyň oýunlary 16-17-nji dekabrda oýnalar.

# «Roma» ýene-de ýeňildi

UEFA Ýewropa Ligasynda 3-nji duşuşyklar geçirilip, ýaryşyň favoritlerinden Italiýanyň «Roma» topary bassyr 2-nji gezek öz meýdançasynda utuldy. Çehleriň «Wiktoriýa Plzen» toparyny kabul eden rimliler 1-nji ýarymda 2 minutda 2 gol geçirdip, oňa jogap bermek italýan toparyna başartmady. 2–1 hasabynda çeh klubunyň peýdasyna tamamlanan oýunda myhmanlaryň gollaryny Adu (20) bilen Suare (22), rimlilerden bolsa Dibala (54 p) geçirdi.



Daniýanyň «Midtýullann» topary myhmançylykda «Makkabi Tel-Awiw» toparynyň derwezesinden jogapsyz 3 gol geçirdi. Džu (44, 84) hem-de Billingiň (71) gollary bilen 3-0 hasabynda ýeňen «Midtýullann» 3-nji duşuşygynda 3 utuk gazanmagy başardy.

«Midtýullann» ýaly «Braga» hem-de «Lion» toparlaryda utuklaryny 9-a çykardylar. «Braga» öz meýdançasynda «Srwena Zwezda» toparyny Nawarro (22) hem-de Dorgelesiň (90) gollary bilen 2–0 hasabynda ýeňdi. «Lion» hem şol hasap bilen «Bazelden» üstün çykdy. Duşuşykda fransuz toparynyň adyndan oýnuň başynda Tolisso (3), oýnuň ahyrynda bolsa Moreira (90) tapawutlandy.

Fransiýanyň «Nissa», Awstriýanyň «RB Salsburg», Niderlandlaryň «Utreht», Şotlandiýanyň «Reýnjers» klublary 3-nji duşuşyklarynda hem ýeňlişe sezewar boldular.

«Porto» toparyndan Gibbs-Waýtyň (19 p) hem-de Igor Žesusyň (77 p) gollary bilen 2–0 üstün çykan «Nottingam Forest» ähli ýaryşlary hasaba alanyňda möwsümdäki ilkinji ýeňşini gazandy. Ýaňy-ýakynda Şon Daýç toparyň täze tälimçisi wezipesine bellenipdi.



Tapgyryň iň köp gol geçirilen duşuşygynda Gresiýanyň PAOK topary myhmançylykda «Lill» toparyny 4–3 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. Oýunda grek klubunyň gollaryny Meite (18), Ziwkowiç (23, 74) hem-de Konstantelias (42) geçirdi. Fransuz klubunda Andreniň (57) hem-de Igamaneniň (68, 78) gollary ýeňşe ýetmedi.

**UEFA Ýewropa Ligasynda 3-nji duşuşyklaryň netijeleri:**

RB Salsburg – Ferenswaroş: 2-3
Fenerbahçe – Ştutgart: 1-0
FKSB – Bolonýa: 1-2
Gou Ehed Iglz – Aston Willa: 2-1
Genk – Betis: 0-0
Lion – Bazel: 2-0
Braga – Srwena Zwezda: 2-0
Brann – Reýnjers: 3-0
Feýenoord – Panatinaikos: 3-1
Roma – Wiktoriýa Plzen: 1-2
Ýang Boýz – Ludogores Razgrad: 3-2
Seltik – Şturm Gras: 2-1
Lill – PAOK: 3-4
Makkabi Tel-Awiw – Midtýullann: 0-3
Malmö – Dinamo Zagreb: 1-1
Nottingam Forest – Porto: 2-0
Selta Wigo – Nissa: 2-1
Fraýburg – Utreht: 2-0

* * *

**Konferensiýa Ligasynda gol geçiren iň ýaşuly futbolçy boldy**

● UEFA Konferensiýa Ligasynda 2-nji duşuşyklar geçirilip, bu ýaryşda 2 gezek finalda utulan «Fiorentinanyň» gol geçirtmezden ýeňişli ýörişi dowam edýär. Italýan kluby myhmançylykda Wenada «Rapidi» 3-0 hasabynda ýeňmegi başardy. Oýunda Ndur (9), Džeko (48) hem-de Gudmundsson (88) tapawutlandy. «Fiorentina» toparynyň 2-nji



goluny geçiren Edin Jeko bu ýaryşda tapawutlanan iň ýaşuly futbolçy boldy (39 ýaş 220 gün).

Ýaryşyň favoritlerinden «Dinamo Kiýew» topary myhmançylykda «Samsunspordan» 3-0 hasabynda ýeňlip, 2-nji duşuşygyny-da utuksyz tamamlady.

**UEFA Konferensiýa Ligasynda 2-nji duşuşyklaryň netijeleri:**

AEK Afiny – Aberdin: 6–0
BK Haken – Raýo Wallekano: 2–2
Breidablik – KuPS: 0–0
Şahtýor Donesk – Legiýa Warşawa: 1–2
Drita – Omoniýa: 1–1
Şkendiýa – Şelburn: 1–0
Strasbur – Ýagelloniýa Belostok: 1–1
Rapid Wien – Fiorentina: 0–3
AZ Alkmaar – Slowan Bratislawa: 1–0
Maýns – Zrýinski Mostar: 1–0
Kristal Palas – AEK Larnaka: 0–1
Hamrun Spartans – Lozanna-Sport: 0–1
Linkoln Red Imps – Leh Poznan: 2–1
Samsunspor – Dinamo Kiýew: 3–0
Şamrok Rowers – Selýe: 0–2
Sigmo Olomous – Rakuw Çenstohowa: 1–1
Uniwersitatea Kraiowa – Noa: 1–1

*Dünýäniň täsin stadionlary*

# Daşyndan içi görünýän stadion

Wengriýanyň 3-nji uly şäheri Segedde ýerleşýän «Szent Gellert Forum» stadiony yklymyň iň owadan stadionlarynyň biri hasaplanýar. Bu ajaýyp desga şäheriň «Seged-Çanada Groşiça Akademiýa» futbol klubuna degişli bolup, topar häzirki wagtda 2-nji ligada çykyş edýär. UEFA-nyň 4-nji kategoriýadaky, ýagny ýokary derejeli stadionlaryň hatarynda bolan bu desga 8 müň 256 tomaşaça niýetlenendir. 2018-2019-njy ýyllarda gurluşygy alnyp barlan stadion üçin 34 million ýewro golaý çykdajy edilýär. 2019-njy ýylyň awgustynda açylan stadiondaky ilkinji duşuşykda «Seged-Çanada Groşiça Akademiýa» topary Italiýanyň «Lasio» topary bilen









duşuşýar. Stadionyň iň esasy aýratynlygy, ýagny köçeden seredeniňde, her dört burçundan desganyň içiniň görünýändigidir. Meýdançasy hakyky ýaşyl ot bilen örtülen desganyň ýanynda türgenleşik üçin iki sany meýdança hem bar. Stadionyň ýaşyl meýdançasynyň uzynlygy 105, ini 68 metre deňdir.

